**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**
**– BIZ BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASY, DÜNÝÄNIŇ ONLARÇA ÝURTLARYNDAN BOLAN DOSTLARYMYZ HEM-DE PIKIRDEŞLERIMIZ, ABRAÝLY HALKARA GURAMALAR BILEN TÜRKMENISTANDA DEŇZE ÇYKALGASY BOLMADYK ÖSÜP BARÝAN ÝURTLARYŇ MESELELERI, OLARY ÇÖZMEGIŇ ÝOLLARY BARADA GARAÝYŞLARYMYZY BEÝAN EDÝÄRIS.**

# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

8-nji awgust, 2025. Belgisi 32/1650



# DÜNÝÄNIŇ ÜNSI AWAZA GÖNÜKDI

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW BMG-niň DEŇZE ÇYKALGASY BOLMADYK ÖSÜP BARÝAN DÖWLETLER BOÝUNÇA ÜÇÜNJI MASLAHATYNA GATNAŞDY

Foruma döwlet we hökümet Baştutanlary, 100-den gowrak ýurduň, 50-ä golaý halkara guramanyň ýokary wezipeli wekilleri, 20-den gowrak dünýä belli kompaniýalaryň wekilleri gatnaşdylar. Bu ähmiýetli wakany giňden şöhlelendirmek üçin Awaza dünýäniň 40-a golaý ýurdundan köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň 160-dan gowrak wekili geldi.

BMG-niň guramagynda on ýyldan bir gezek geçirilýän bu halkara maslahat deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösüşini gazanmak, özara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak we bu ugurda gazanylan üstünlikleri seljermek üçin möhüm meýdança öwrüldi.

Wekiliýet baştutanlary halkara maslahatyň Plenar mejlisler zalyna geldiler. Bu ýerde BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň açylyşy boldy.

Maslahatyň häzirki Başlygy hökmünde BMG-niň Baş sekretary ony açyk diýip yglan etdi we giriş sözi bilen çykyş etdi.

Soňra maslahaty geçirmegiň düzgünlerine laýyklykda, ses bermek arkaly hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow maslahatyň Başlygy saýlanyldy.

BMG-niň Baş sekretary döwlet Baştutanymyzy maslahatyň Başlygy wezipesine saýlanmagy mynasybetli gutlady we prezidiumyň merkezinde ýörite bellenen ýere geçmäge çagyrdy.

Hormatly Prezidentimiz BMG-niň Baş sekretaryndan agaçdan ýasalan çekiçjagazy kabul edip, özi üçin ýörite bellenen ýere geçdi.

Döwlet Baştutanymyz BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň Başlygy hökmünde çykyş etdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň Başlygy saýlanylmagynyň özi üçin uly hormatdygyny aýdyp, hemmeleri bu foruma gatnaşýandyklary üçin Türkmenistanyň adyndan tüýs ýürekden mähirli gutlady hem-de minnetdarlyk bildirdi.

Bu maslahat dünýä ösüşiniň uly we derwaýys meselelerine gürrüňsiz degişlidir. Birleşen Milletler Guramasynyň giň gerimli maksatnamalaryny, ilki bilen, Durnukly ösüş maksatlaryny ýerine ýetirmäge, Geljegiň bähbidine paktyň strategik ýörelgelerine eýermäge dahyllydyr diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we şunuň bilen baglylykda, şu belent münberden Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterrişe, bu guramanyň agzalary bolan döwletleriň ähli Baştutanlaryna hem-de wekillerine şu foruma üns berýändikleri we deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlary hemmetaraplaýyn ösdürmäge berk eýerýändikleri üçin minnetdarlyk bildirdi.

Biziň şu maslahatymyzda seredilýän meseläniň ählumumy ähmiýeti bardyr. Ol halkara işiň esasy ölçeglerini, ýagny ynsanperwer, ykdysady, durmuş, ekologiýa we beýleki ugurlary öz içine alýar.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy 2025-nji ýyly Türkmenistanyň teklibi boýunça «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etdi. Şeýle hem biziň ýurdumyz şu ýyl dünýä jemgyýetçiligi bilen bilelikde taryhy senäni – Türkmenistanyň Bitaraplygynyň halkara derejede ykrar edilmeginiň 30 ýyllygyny belleýär. Bu wakalaryň ikisiniň hem Birleşen Milletler Guramasynyň 80 ýyllyk ýubileýi bilen gabat gelmegi simwoliki ähmiýete eýedir. Parahatçylyk, ynanyşmak, Bitaraplyk düşünjeleri biziň üçin özara aýrylmaz bagly bolup, Türkmenistanyň alyp barýan syýasatynyň manysyny we düýp mazmunyny düzýär. Olar biziň halkara giňişlikdäki hereketlerimizi hem-de başlangyçlarymyzy kesgitleýär. Birleşen Milletler Guramasy bilen strategik hyzmatdaşlyk döwletimiziň ileri tutýan ugry bolan we bolmagynda galýan daşary syýasatymyzyň filosofiýasyny aňladýar.

Bu doly derejede häzirki foruma hem degişlidir. Biz Birleşen Milletler Guramasy, dünýäniň onlarça ýurtlaryndan bolan dostlarymyz hem-de pikirdeşlerimiz, abraýly halkara guramalar bilen Türkmenistanda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň meseleleri, olary çözmegiň ýollary barada garaýyşlarymyzy beýan edýäris. Özi-de döredijilik we deňhukuklylyk, özara hormatlamak hem-de bähbitleri hasaba almak bilen, biziň halklarymyz, adamlarymyz, olaryň häzirki we geljekki durmuşy barada alada etmek bilen, garaýyşlarymyzy beýan edýäris diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we bu ýoluň dogrudygyna hem-de bilelikde üstünliklere ýetiljekdigine ynam bildirdi.

Çykyşynyň ahyrynda döwlet Baştutanymyz ähli wekiliýetlere, hormatly myhmanlara işjeň we netijeli hyzmatdaşlyk, ýurtlarymyzyň hem-de bütin adamzadyň ösüşi, ilerlemegi we abadançylygy baradaky öňde goýlan maksatlary ýerine ýetirmekde Türkmenistan bilen bilelikde işlemäge taýýardyklary üçin ýene-de bir gezek minnetdarlyk bildirdi.

Soňra tassyklanan iş tertibine laýyklykda çykyşlar diňlenildi.

Ilki bilen, BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişe söz berildi.

BMG-niň Baş sekretary, ilki bilen hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa hem-de Türkmenistanyň halkyna bildirilen myhmansöýerlik we şu möhüm maslahaty guramakda başlangyçly orny üçin hoşallygyny beýan etdi.

Antoniu Guterriş çykyşynda Hereketleriň Awaza maksatnamasyna ünsi çekip, Birleşen Milletler Guramasynyň DÇBÖBD-niň bu ugurdaky tagallalaryny goldaýandygyny belledi. Şeýle hem ol geljek on ýyl üçin bilelikdäki hereketleriň möhüm ugurlaryny kesgitledi.

Biz düzümleýin özgertmeleri we ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşdyrylmagyny çaltlandyrmalydyrys. Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler tebigy serişdelerden başlap, adam maýasyna çenli ägirt uly kuwwata eýedirler. Şunuň bilen birlikde, ýerli innowasiýalara we inklýuziw ösüşe maýa goýumlary gönükdirmek möhüm bolup durýar. Sanly özgeriş bu tagallalaryň esaslarynyň biri bolmalydyr. Munuň özi DÇBÖBD-ä dünýä bazarlaryna çykmaga ýardam berer diýip, Baş sekretar aýtdy.

Şeýle hem Antoniu Guterriş öz çykyşynda özara söwdany, üstaşyr we sebit arabaglanyşygyny ösdürmegiň möhümdigini belledi. Serhetden geçiş amallarynyň ýeňilleşdirilmegi, standartlaryň özara laýyk getirilmegi, bökdençsiz söwda we üstaşyr geçiş amallarynyň üpjün edilmegi üçin hukuk binýadynyň pugtalandyrylmagy, durnukly ulag geçelgelerine, serhetüsti energetika ulgamlaryna, intellektual logistika platformalaryna maýa goýumlaryň gönükdirilmegi ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda görkezildi.

Şeýle hem BMG-niň Baş sekretary howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly meselä ünsi çekdi. «Ýaşyl» ykdysadyýete geçilmegi, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň ösdürilmegi DÇBÖBD-ä daşky gurşawy goramak bilen bir hatarda täze pudaklary we iş orunlaryny döretmäge ýardam berer.

**5-nji awgustda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň açylyşy we birinji plenar mejlisi geçirildi.**

Hormatly Prezidentimiz BMG-niň Baş sekretaryna çykyşy üçin minnetdarlyk bildirip, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň Başlygy Filemon Ýanga söz berdi. Ol Awazada geçirilýän şu maslahata gatnaşmagyň özi üçin uly mertebedigini belläp, Türkmenistanda mähirli kabul edilendigine ýokary baha berýändigini aýtdy. BMG-niň Tertipnamasynda beýan edilen garaýyşlaryň tutuş adamzadyň durmuşyny özgertmekde aýgytlaýjy ähmiýete eýedigini belläp, Filemon Ýang 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Durnukly ösüş maksatlarynyň Gün tertibiniň soňky bäş ýylyna girişilendigini aýtdy hem-de oňa çenli galan döwürde şol maksatlara ýetmek üçin dünýä bileleşiginiň tagallalarynyň birleşdiriljekdigine ynandyrdy.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň Başlygy häzirki döwrüň biziň esas goýujy gymmatlyklara hemmetaraplaýyn ygrarlydygymyzy, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde ähli halklaryň bähbidine netijeli hereketleri talap edýändigini, olaryň bolsa howpsuz, adalatly we deňhukukly geljege tarap ýolda hiç bir adamyň ünsden düşürilmejekdigini kepillendirmäge ýardam bermelidigini nygtady. Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň 32-siniň hem ýüzbe-ýüz bolýan meseleleri BMG-niň Baş Assambleýasynyň üns merkezinde durýar, ýakynda bu döwletleriň aýratyn zerurlyklary baradaky Halkara habardarlyk güni yglan edildi. Şunuň bilen baglylykda, bu senäniň her ýylyň 6-njy awgustynda belleniljekdigi we şeýle ähmiýetli çözgüdiň Awazada geçirilýän häzirki maslahatyň öň ýanynda kabul edilmeginiň aýratyn mana eýedigi bellenildi.

Döwlet Baştutanymyz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň Başlygyna çykyşy üçin minnetdarlyk bildirip, söz nobatyny BMG-niň Ykdysady we Durmuş geňeşiniň (ECOSOC) Başlygy Lok Bahadur Thapa geçirdi.

BMG-niň Ykdysady we Durmuş geňeşiniň Başlygy maslahata gatnaşyjylary mübärekläp, BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyna gatnaşmagyň özi üçin uly hormatdygyny belledi hem-de bildirilen myhmansöýerlik we forumyň ýokary guramaçylygy üçin türkmen tarapyna tüýs ýürekden hoşallygyny beýan etdi.

Lok Bahadur Thapa halkara maslahatyň ähmiýeti barada aýtmak bilen, onuň deňze göni çykalgasy bolmadyk 32 ýurtda ýaşaýan jemi 570 milliondan gowrak adam üçin inklýuziw we durnukly ösüş babatda täze mümkinçilikleri açýandygyny nygtady.

BMG-niň Ykdysady we Durmuş geňeşiniň Başlygy çykyşynyň ahyrynda ýolbaşçylyk edýän düzüminiň Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasynyň netijeli durmuşa geçirilmegine, DÇBÖBD-niň ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryna, hususan-da, azyk howpsuzlygy, durnukly arabaglanyşyk, howanyň üýtgemegine garşy göreşmek boýunça başlangyçlara ýakyn goldaw berjekdigine ynandyrdy.

Soňra Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler toparynyň Başlygynyň wezipesini ýerine ýetiriji hökmünde çykyş etmek üçin Gyrgyz Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň Başlygy, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidentiniň Diwanynyň ýolbaşçysy Adylbek Kasymaliýewe söz berildi. Ol ilki bilen maslahata gatnaşyjylaryň ählisine Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparowyň salamyny ýetirip, şu gün bu möhüm ähmiýetli maslahatda çykyş etmegiň özi üçin uly hormatdygyny aýtdy.

Şu gün biz Hazaryň kenaryndaky Awazada diňe bir bilelikdäki işimiziň jemini jemlemek üçin däl, eýsem, has durnukly arabaglanyşygy üpjün etmek babatda bilelikdäki tagallalary bellemek üçin ýygnandyk. Şunuň bilen baglylykda, 2024 – 2034-nji ýyllar üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasy deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletlere ählumumy ösüşe doly derejede gatnaşmaga mümkinçilik berjek durnukly ösüş meýilnamasyny işläp taýýarlamaga ýardam eder.

Täze maksatnama bize strategik «Ýol kartasyny» işläp taýýarlamaga mümkinçilik berýär. Bu maksatnamany amala aşyrmak üçin köpçülikleýin jogapkärçilik hem-de ýurtlaryň we halkara maliýe guramalarynyň arasynda tagallalary utgaşdyrmak zerur bolup durýar. Biz hyzmatdaşlarymyzy diňe bir maliýe taýdan goldaw bermäge däl, eýsem, tehniki kömegiň we maýa goýum kepillikleriniň berilmegini üpjün etmäge çagyrýarys diýip, A.Kasymaliýew aýtdy.

Soňra BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça ikinji maslahatynyň geçirilen ýurdy bolan Awstriýanyň Ýewropa we halkara işleri boýunça Federal ministrliginiň döwlet sekretary Zepp Şellhorna söz berildi.

Awstriýanyň Ýewropa we halkara işleri boýunça Federal ministrliginiň döwlet sekretary Zepp Şellhorn hemmeleri mähirli mübärekläp, ilki bilen, bildirilen myhmansöýerlik üçin hoşallygyny beýan etdi. Şeýle hem ol deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň, şol sanda Awstriýanyň bähbidine edýän tagallalary üçin BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary Rabab Fatima we onuň ýolbaşçylyk edýän toparynyň agzalaryna hoşallyk bildirdi.

Bellenilişi ýaly, Hereketleriň Awaza maksatnamasynyň çäklerinde anyk maksatlary we çäreleri özünde jemleýän oýlanyşykly gün tertibi işlenip taýýarlanyldy hem-de kabul edildi. Bu resminama ähli gyzyklanma bildirýän taraplary, şol sanda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleri, üstaşyr geçiriji ýurtlary we ösüş boýunça hyzmatdaşlary birleşdirýär. Şeýle hem gün tertibinde oba hojalyk ylmy barlaglarynyň sebit merkezleri we Infrastruktura maýa goýumlary üçin maliýe gaznasy ýaly başlangyçlar göz öňünde tutuldy. Munuň özi biziň adam hukuklaryna, netijeli dolandyryşa we gender deňligine ygrarlydygymyzy görkezýär. Biz bu maksatnamanyň özara baglanyşygy gowulandyrmak, ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak, täze iş orunlaryny döretmek hem-de howanyň üýtgemegine durnuklylygy ýokarlandyrmak üçin berk binýady döretjekdigine ynanýarys diýip, Zepp Şellhorn aýtdy we bu maksatlara ýetmegiň hyzmatdaşlyga ygrarlylygy we innowasion çözgütleri talap edýändigini belledi.

Hormatly Prezidentimiz Awstriýanyň Ýewropa we halkara işleri boýunça Federal ministrliginiň döwlet sekretaryna minnetdarlyk bildirip, söz nobatyny BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň Baş sekretary Rabab Fatima geçirdi. 2

## BMG-niň AWAZA FORUMY: SANLAR WE MAGLUMATLAR

Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça maslahaty her 10 ýyldan bir gezek guralýar.

* * *

2025-nji ýylyň 11-nji aprelinde geçirilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 63-nji plenar mejlisinde «BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyny geçirmegiň tertibine goşmaça maglumat» atly Kararnama kabul edildi. Şu ýylyň 4-nji iýulynda bolsa hormatly Prezidentimiz «Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyny geçirmek hakynda» Karara gol çekdi. 8-nji iýulda sanly ulgam arkaly Türkmenistanyň Hökümetiniň we Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty geçirmek babatda ylalaşmalar hakynda Ylalaşyga gol çekildi.

* * *

Hereketleriň Awaza maksatnamasy deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletlere mümkinçiliklerini durmuşa geçirmäge hem-de ýakyn onýyllykda, has takygy, 2024–2034-nji ýyllarda durnukly ösüş ýoluna düşmäge goldaw berip, ähli gyzyklanýan taraplara gymmatly ýolgörkeziji bolar.

* * *

Birleşen Milletler Guramasynyň maglumatlaryna görä, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar 570 milliondan gowrak adamy bolan ösýän bazary özünde jemleýär. Çaklamalara görä, bu görkeziji 2060-njy ýyla çenli 1 milliarddan geçer. Häzirki wagtda bu bazaryň göwrümi 836 milliard amerikan dollary möçberinde bahalandyrylýar.

* * *

Awazada 2022-nji ýylyň awgust aýynda Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ulag ministrleriniň derejesindäki halkara maslahat üstünlikli geçirildi.

* * *

Şu ýylyň 24-nji fewralynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň orunbasary hanym Rabab Fatimany kabul etdi. Myhman Türkmenistanyň ählumumy parahatçylygyň we durnukly ösüşiň bähbidine gönükdirilen oňyn Bitaraplyk syýasatynyň ähmiýetini belledi. Döwlet Baştutanymyz häzirki wagtda Türkmenistanda ulag-kommunikasiýa pudagyny ösdürmäge möhüm ähmiýet berilýändigini belläp, ýurdumyzyň geografik taýdan amatly ýerleşmeginiň ulag-logistika pudagyny ösdürmek üçin berk esas bolup durýandygyny, şoňa görä-de, sebit ähmiýetli Demirgazyk – Günorta, Gündogar – Günbatar halkara ulag geçelgelerini ilerletmek boýunça degişli işleriň geçirilýändigini aýtdy. Şunda bu ugurda alnyp barylýan yzygiderli işleriň çäklerinde Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň durnukly ulag boýunça kabul eden Kararnamalarynyň ähmiýeti uludyr.

* * *

Halkara forumyň çäklerinde geçirilen çäreler toplumy jemi 7 sany esasy ugry öz içine alýar. Şolaryň hatarynda halkara maslahatyň açylyş we ýapylyş dabaralary hem-de plenar mejlisleri; ýokary derejedäki tematik «tegelek stollaryň» 5-si bar. Ýokary derejedäki 7 sany forum bolsa Günorta-Günorta hyzmatdaşlygy, parlament, hususy pudak, raýat jemgyýeti, ýaşlar, zenanlar, arabaglanyşyk ýaly ugurlarda pikir hem tejribe alyşmalar üçin netijeli meýdançany emele getirdi.



**BAE 100 million mangrow eker**

BAE-de 2030-njy ýyla çenli 100 million düýp mangrow agajyny ekmek üçin giň gerimli daşky gurşaw taslamasy ýola goýuldy. 4



**Kompýuteriň öňünde nähili oturmaly?!**

Adamlaryň aglaba bölegi iş wagtlaryny, ýagny hepdede 40 sagadyny oturymly durmuş ýörelgesine uýgunlaşmak esasynda iş oturgyjynda geçirýär. 5



**Ýene-de hytaýly türgenler öňe saýlandy**

Suw sportlary boýunça Singapurda geçirilen 22-nji Dünýä çempionatynyň medal sanawynda hytaýlylar bassyr 3-nji, soňky 7 ýaryşda 5-nji gezek 1-nji orny eýelediler. 7




# ADAMZAT ÄHMIÝETLI HALKARA FORUMA BAGYŞLANAN DABARA

**5-nji awgustda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň Kongresler merkezinde BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň başlanmagy mynasybetli dabara geçirildi. Oňa türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterriş, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň Başlygy Filemon Ýang, foruma gatnaşyjy ýurtlaryň wekiliýet ýolbaşçylary hem-de agzalary, halkara guramalaryň ýolbaşçylary hem-de wekilleri, ýurdumyzyň resmi adamlary gatnaşdylar.**

Dabaranyň öňüsyrasynda Gahryman Arkadagymyz foruma gatnaşyjy ýurtlaryň ýokary derejeli wekiliýet Baştutanlaryny mübärekledi we olar bilen bilelikde BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň resmi banneriniň öňünde ýadygärlik surata düşdi.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz hem-de belent mertebeli myhmanlar dabaranyň geçirilýän ýerine bardylar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz dabara gatnaşyjylara ýüzlenip, biz şu gün gojaman Hazar deňziniň ajaýyp türkmen kenaryndaky «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda taryhy wakanyň şaýady bolýarys. Çünki bu gün BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyna gatnaşmak üçin dünýäniň dürli yklymlarynda ýerleşýän onlarça döwletleriň döwlet we hökümet Baştutanlary, resmi wekilleri ýurdumyzda jemlendiler. Bu dabaramyza gatnaşýan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryny, wekiliýet Baştutanlaryny, Siziň ähliňizi bereketli türkmen topragynda hoş gördük diýip aýtdy hem-de hemmeleri güneşli we myhmansöýer Türkmenistanda tüýs ýürekden mübärekläp, şu günki maslahatyň Türkmenistanyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan yglan edilen Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda geçirilmeginiň möhüm ähmiýetini belledi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri foruma gatnaşyjylaryň şeýle giň wekilçilikli düzümine Türkmenistana goýulýan hormatyň, ynamyň hem-de ýurdumyzyň halkara giňişlikdäki eýeleýän ornuna, hyzmatdaşlygy, özara düşünişmegi we ynanyşmagy ýola goýmakda edýän tagallalaryna berilýän ýokary bahanyň nyşany hökmünde garalýandygyny aýtdy.

Gahryman Arkadagymyz foruma gatnaşyjylaryň ählisiniň türkmen topragynda gadyrly myhman, dünýäde parahatçylygyň, ösüşiň we abadançylygyň ýokary maksatlarynyň daşynda jebisleşen Türkmenistanyň hyzmatdaşlary hökmünde kabul edilýändigini belläp, hemmelere: «Türkmenistana hoş geldiňiz!» diýdi.

Biziň pikirimizçe, bütindünýä guramasynyň ýolbaşçylarynyň bu ugurda eýeleýän orny nusgalykdyr. Munuň özi Türkmenistanyň halkara jemgyýetçiligiň jogapkärli agzasy hökmünde alyp barýan netijeli işiniň ykrar edilýändigini görkezýär. Biziň daşary syýasatdaky ileri tutýan ugurlarymyz berk we üýtgewsizdir, Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlyk bolsa şolaryň esasysy we kesgitleýjisi bolup durýar. Bu strategik garaýşyň çuňňur sebäpleri bar. Türkmenistanyň uzak möhletleýin maksatlarynyň BMG-niň ählumumy Gün tertibiniň esasy ugurlary boýunça wezipeleri bilen gabat gelmegi bu sebäpleriň esasyny düzýär. Has takygy, Türkmenistan dünýä giňişligindäki ähli hereketlerini, başlangyçlaryny hem-de tekliplerini BMG-niň alyp barýan işine, onuň esas goýujy çözgütlerine, maksatnamalaýyn wezipelerine laýyk getirýär diýip, Gahryman Arkadagymyz sözüni dowam etdi.

Biziň üçin BMG köpugurly ygtyýarlyklary bolan halkara guramadyr. Biz Milletler Bileleşigine häzirki zaman dünýä gurluşynyň esasy sütüni, dünýä giňişliginde parahatçylygyň we durnuklylygyň, halkara howpsuzlygyň kepili hökmünde garaýarys. Biz häzirki täze geosyýasy ýagdaýlarda BMG-niň Tertipnamasynyň ýokary ynsanperwer taglymlarynyň hem-de ýörelgeleriniň halkara tertibiň hukuk we ahlak daýanjy bolmagynda galmalydygyna berk ynanýarys diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy we şunuň bilen baglylykda, bu maslahatyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Bitarap Türkmenistanda geçirilmeginiň aýratyn mana eýe bolýandygyny nygtady.

Biziň kalbymyz we maksatlarymyz dünýä üçin açykdyr. Munuň özi Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy mazmunydyr. Türkmen halkynyň asylly häsiýetleri, beýleki halklara goýýan sylag-hormaty, ýardam bermäge, raýdaşlyk bildirmäge hemişe taýýardygy biziň halkara giňişlikde alyp barýan işimizde öz beýanyny tapýar. Munuň özi ýöne bir tejribe bolman, eýsem, Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň filosofiýasydyr. Elbetde, şeýle syýasaty durmuşa geçirmek bilen, biz öz taryhymyza, gadymdan gelýän däp-dessurlarymyza esaslanýarys. Türkmenler gadymy, baý we özboluşly medeniýeti hem-de dünýägaraýşy bolan halkdyr. Şol bir wagtyň özünde, biz adamzat ösüşine saldamly goşant goşmaga çalyşýarys diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy we häzirki wagtda Türkmenistanyň öz mümkinçiliklerini we toplan tejribesini özara hormat goýmak esasyndaky syýasy-diplomatik dialogy dikeltmek, halkara hukugy, BMG-niň eýeleýän ornuny we abraýyny pugtalandyrmak, Durnukly ösüş maksatlaryny hem-de BMG-niň bu giň möçberli maksatnamasynyň esasy böleklerini – ulag arabaglanyşygyny, energetika, suw, azyk howpsuzlygyny, saglygy goraýşyň, lukmançylyk hyzmatlarynyň elýeterliligini üpjün etmek, ynsanperwerlik meselelerini çözmek ýaly ugurlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly ileri tutulýan ugurlarda işjeň ulanýandygyny nygtady.

Gahryman Arkadagymyz parlament hyzmatdaşlygynyň, zenanlaryň, ýaşlaryň, çagalaryň arasyndaky gatnaşyklaryň, sport hyzmatdaşlygynyň möhüm ähmiýetini belläp, Türkmenistanyň abraýly halkara düzümler bilen bilelikde ençeme ýyllaryň dowamynda bu ugurlarda guran çäreleriniň dünýäde möhüm wakalar bolandygyny we şoňa görä-de, maslahatyň çäklerinde dürli mowzuklaýyn mejlisleri geçirmek pikiriniň goldanylýandygyny nygtady. Şolaryň hatarynda Günorta-Günorta hyzmatdaşlygy boýunça ministrler duşuşygy, raýat jemgyýetiniň we hususy pudagyň forumlary, zenan ýolbaşçylaryň duşuşygy, şeýle hem parlament we ýaşlar forumlary bar.

Gahryman Arkadagymyz bu maslahatyň oňa gatnaşyjylaryň – onlarça ýurduň döwlet we hökümet Baştutanlarynyň, iň abraýly halkara guramalaryň hem-de institutlaryň ýolbaşçylarynyň erkini, jebisligini hem-de netijeli dialogy yzygiderli geçirmäge we hyzmatdaşlyk etmäge ygrarlydygyny görkezmäge gönükdirilendigini nygtap, foruma gatnaşyjylaryň ählisine üstünlikli işlemegi we özara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda, umumy döredijilikli maksatlary gazanmakda rowaçlyklary arzuw etdi.

Soňra Gahryman Arkadagymyz çykyş etmek üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterrişe söz berdi.

Baş sekretar dabara gatnaşyjylara ýüzlenip, ilki bilen şu maslahaty üstünlikli geçirmek babatda edilen tagallalar üçin Türkmenistana çuňňur hoşallygyny bildirdi.

Hut Türkmenistanyň Hökümetiniň we halkynyň tagallalary bilen bu maslahaty geçirmek mümkinçiligi boldy diýip, Antoniu Guterriş aýtdy we Kongresler merkeziniň döwrebaplygyna, oňa gönükdirilen maýa goýumlara haýran galandygyny belledi.

Antoniu Guterriş BMG-de dürli wezipelerde 20 ýyla golaý Türkmenistanyň Hökümeti bilen işleşendigini we guramanyň bosgunlaryň işi boýunça Ýokary komissary hökmünde ýurdumyza amala aşyran ilkinji saparynda Türkmenistanyň Hökümetiniň raýatsyzlyk bilen baglanyşykly meseläni netijeli çözendigini belledi hem-de munuň üçin Türkmenistana ýene-de bir gezek çuňňur hoşallygyny bildirdi.

Gahryman Arkadagymyz çuň manyly çykyşy üçin BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişe minnetdarlyk bildirip, Türkmenistanyň bitarap döwlet we halkara jemgyýetçiligiň jogapkärli agzasy hökmünde Birleşen Milletler Guramasy bilen hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine aýratyn üns berýändigini belledi.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz çykyş etmek üçin BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň Başlygy Filemon Ýanga söz berdi.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň Başlygy Filemon Ýang dabara gatnaşyjylary mähirli mübärekläp, bildirilen myhmansöýerlik üçin türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza we Türkmenistanyň halkyna hoşallygyny beýan etdi.

Filemon Ýang bu maslahatyň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler üçin möhüm tapgyry alamatlandyrýandygyny aýdyp, bu ýurtlaryň durnukly ösüşini çaltlandyrmak boýunça toplumlaýyn meýilnama hökmünde Hereketleriň Awaza maksatnamasynyň ähmiýetini belledi hem-de Türkmenistanyň Hökümetine we halkyna üstünlikleri arzuw etdi.

Gahryman Arkadagymyz Filemon Ýanga minnetdarlyk bildirip, bu çykyşyň halkara raýdaşlygyň we durnukly ösüşiň möhüm ähmiýetini ýene-de bir gezek tassyklaýandygyny aýtdy.

Soňra Milli Liderimiz dabara gatnaşyjylara ýüzlenip, wekiliýet Baştutanlaryna, Birleşen Milletler Guramasyna we ähli gatnaşyjylara minnetdarlyk bildirdi hem-de deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň geografik taýdan ýerleşişine garamazdan, durnukly ösüş ugrunda uly tagalla edýändiklerini belledi.

# DÜNÝÄNIŇ ÜNSI AWAZA GÖNÜKDI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary Rabab Fatima deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyň Baş sekretary hökmünde bu ýerde çykyş etmegiň özi üçin uly hormatdygyny belläp, işe ygrarlylygy we bu möhüm maslahaty guramakda başlangyçly orny üçin Türkmenistanyň Hökümetine we halkyna çuňňur hoşallygyny beýan etdi.

Şeýle hem Rabab Fatima öz çykyşynda infrastruktura, özara baglanyşyk, ykdysady özgertmeler we howanyň üýtgemegine durnuklylyk ýaly meselelere degip geçdi.

Giriş sözleri bilen çykyşlar tamamlanandan soňra, maslahaty alyp barmagyň tertibine laýyklykda, onuň düzgünleri we gün tertibi kabul edildi. Maslahatyň wezipeli wekilleri saýlanyldy hem-de beýleki guramaçylyk meselelerine seredildi.

Şunuň bilen maslahatyň açylyş bölegi tamamlandy.

Soňra maslahatyň umumy mejlisi öz işine başlady hem-de onuň dowamynda döwlet we hökümet Baştutanlary, şeýle hem wise-prezident derejesindäki wekiliýet ýolbaşçylary çykyş etdiler.

Maslahatyň Başlygy hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ilki bilen Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewe söz berdi.

Dostlukly ýurduň Prezidenti bu möhüm halkara maslahata gatnaşmaga çakylyk we onuň ýokary guramaçylygy, şeýle hem bildirilen myhmansöýerlik üçin türkmen tarapyna hoşallygyny beýan etdi, şeýle hem deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň öňünde durýan meseleleri çözmäge we olaryň mümkinçiliklerini durmuşa geçirmäge üýtgewsiz ygrarlylygy üçin BMG-niň Baş sekretaryna minnetdarlyk bildirdi.

Prezident Kasym-Žomart Tokaýew DÇBÖBD-niň meseleleri boýunça halkara tagallalara Gazagystanyň goşandy barada aýtmak bilen, BMG-niň bu ugurdaky ilkinji maslahatynyň Gazagystanda geçirilendigini belledi. Bellenilişi ýaly, şol maslahat DÇBÖBD-niň meselelerini ilkinji gezek ählumumy ösüş gün tertibine girizen Hereketleriň Almaty maksatnamasynyň işlenilip taýýarlanylmagyna ýol açdy.

Döwlet Baştutanymyz çykyşy üçin gazagystanly kärdeşine minnetdarlyk bildirip, Eswatininiň Patyşasy Mswati III söz berdi.

Eswatininiň Patyşasy hemmeleri mähirli mübärekläp, bu ýokary derejeli halkara maslahatda çykyş etmegiň özi üçin uly hormatdygyny aýtdy we onuň guramaçylygy üçin Türkmenistana hoşallygyny beýan etdi.

Patyşa Mswati III infrastruktura taslamalaryna maýa goýumlary çekmek, ulag arabaglanyşygyny ýokarlandyrmak we üstaşyr çykdajylary azaltmak babatda eswatini tarapynyň ileri tutýan garaýyşlaryny beýan etdi. Şunda ulag geçelgelerini kämilleşdirmäge, gümrük amallaryny ýönekeýleşdirmäge we sanly infrastruktura maýa goýmaga aýratyn ähmiýet berilýär. Şeýle hem gaýtadan işleýän senagaty ösdürmegiň, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini ornaşdyrmagyň, maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryny ornaşdyrmagyň, hususy pudaga maýa goýumlary çekmegiň ähmiýeti barada aýdyldy.

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow söz nobatyny Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewe geçirdi.

Özbegistanyň Baştutany ilki bilen hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyza mähirli kabul edendigi we bu günki maslahatyň ýokary derejede guralandygy üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Özbegistanyň Baştutany BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişe deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler bilen bagly meselelere uly üns berýändigi üçin hoşallyk bildirdi. Biz Hereketleriň Awaza maksatnamasyny doly goldaýarys we ony durmuşa geçirmäge işjeň gatnaşarys diýip, Prezident Şawkat Mirziýoýew nygtady.

Soňra çykyş etmek nobaty Ermenistan Respublikasynyň Prezidenti Waagn Haçaturýana berildi.

Dostlukly ýurduň Prezidenti maslahata gatnaşyjylara ýüzlenip, BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynda çykyş etmegiň özi üçin uly hormatdygyny aýtdy we maslahatyň ýokary guramaçylyk derejesi hem-de bildirilen myhmansöýerlik üçin Türkmenistanyň Hökümetine we halkyna hoşallygyny beýan etdi.





Ermenistan Respublikasynyň Prezidenti söwda amallarynyň has çalt we netijeli amala aşyrylmagy üçin maýa goýumlaryň serhetýaka infrastrukturasyna gönükdirilýän möçberleriniň artdyrylmagynyň, şeýle hem iri deňizleriň ählumumy sanly we «ýaşyl» ösüşe doly çekilmeginiň, howanyň üýtgemegine durnuklylygyň ýokarlandyrylmagynyň hem-de bioköpdürlülik babatynda kanunlaryň işlenilip taýýarlanylmagynyň zerurdygyny aýtdy.

Maslahata başlyklyk edýän hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow baý mazmunly çykyşy üçin Ermenistanyň Prezidentine minnetdarlyk bildirdi we çykyş etmek üçin Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmona söz berdi.

Dostlukly döwletiň Baştutany Täjigistanyň soňky ýigrimi ýylyň dowamynda başlangyçly orny eýeleýän ýurt hökmünde suw serişdeleri we howa ulgamynda halkara gün tertibiniň ilerledilmegine işjeň gatnaşýandygyny, agyz suwunyň çeşmelerini, esasan-da, buzluklary gorap saklamak üçin ählumumy derejede gaýragoýulmasyz çäreleriň we netijeli bilelikdäki hereketleriň zerurdygyny belledi.

Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlykda şu ýyl Duşenbe şäherinde geçirilen Buzluklary gorap saklamak boýunça halkara maslahatyň jemleriniň suw serişdeleri, howa we durnukly ösüş ulgamynda möhüm ählumumy derejedäki çäreleriň ilerledilmegine ýardam etjekdigine ynam bildirildi.

Soňra Liwiýa Döwletiniň Prezident Geňeşiniň Başlygy Muhammad Ýunus Menfi çykyş etdi.

Belent mertebeli myhman ilki bilen türkmen tarapyna myhmansöýerlik we şu maslahatyň ýokary derejede guralandygy, BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişe bolsa şu çäräni guramak babatda tagallalary hem-de deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler bilen bagly meseleleri çözmäge işjeň gatnaşýandygy üçin hoşallyk bildirdi.

Şeýle hem belent mertebeli myhman Liwiýanyň Ortaýer deňziniň günorta kenarynda amatly ýerleşmegi netijesinde degişli ýurtlaryň portlarynyň arasyndaky gatnawlar bilen bagly taslamalarda möhüm orun eýeleýändigini we nebitgaz taslamalaryny döretmäge işjeň gatnaşýandygyny nygtady.

Soňra hormatly Prezidentimiz San-Tome we Prinsipi Demokratik Respublikasynyň Prezidenti Karluş Manuel Wila-Nowa söz berdi.

Awazada geçirilýän şeýle giň gerimli foruma gatnaşmaga hem-de onda çykyş etmäge döredilen mümkinçilik we myhmansöýerlik üçin Türkmenistanyň Hökümetine hoşallygyny beýan edip, San-Tome we Prinsipi Demokratik Respublikasynyň Prezidenti öz ýurdunyň Hereketleriň Awaza maksatnamasynda bellenilen ileri tutulýan bäş strategik ugry durmuşa geçirmäge doly ygrarlydygyny aýtdy.

Belent mertebeli myhman çykyşynda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň hem-de üstaşyr ýurtlaryň arasynda üçtaraplaýyn hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagy, portlary we ulag-logistikany bilelikde dolandyrmagy teklip etdi hem-de munuň adalatly halkara söwda üçin elýeterliligi we nyrh aýanlygyny kepillendirjekdigini belledi.

Döwlet Baştutanymyz San-Tome we Prinsipi Demokratik Respublikasynyň Prezidentine çykyşy üçin minnetdarlyk bildirdi we foruma gatnaşyjylara ýüzlenip, BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň birinji plenar mejlisiniň tamamlanandygyny, maslahatyň öz işini günüň ikinji ýarymynda umumy çykyşlar bilen dowam etjekdigini aýtdy.

Günüň ikinji ýarymynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty öz işini dowam etdi.

Malawi Respublikasynyň wise-prezidenti Maýkl Bizwik Usi öz çykyşynda netijeli ulag-üstaşyr ulgamlarynyň ählumumy durnukly ösüşi gazanmakda möhüm ähmiýetini belledi. Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler bu ugurda käbir päsgelçilikler bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar.

Soňra Gambiýa Respublikasynyň wise-prezidenti Mohammed Jallow çykyş etdi hem-de bildirilen myhmansöýerlik üçin türkmen tarapyna hoşallygyny beýan edip, deňze göni çykalganyň bolmazlygynyň bu döwletleriň ösüşiniň ähli ugurlaryna özüniň täsirini ýetirýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, şu gezekki maslahatyň möhüm ähmiýeti nygtaldy.

Soňra çykyş etmek üçin Mali Respublikasynyň Premýer-ministri Abdulaýe Maýga söz berildi. Premýer-ministr ilki bilen mähirli kabul edilendigi we bu ýokary derejeli foruma gatnaşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ählumumy ulag düzümlerine elýeterliligini üpjün etmekde halkara konwensiýalardan gelip çykýan wezipeleriň durmuşa geçirilmeginiň ähmiýetini belledi.

Uganda Respublikasynyň Premýer-ministri Robina Nabbanja çykyşynda öz ýurdunyň wekiliýetine türkmen topragynda bildirilen myhmansöýerlik üçin hoşallygyny beýan edip, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletlere BMG-niň berýän goldawlaryny belledi.

Nepalyň Premýer-ministri Şarma Oli bu ýokary derejeli maslahatda öz ýurduna wekilçilik etmegiň we çykyş etmegiň özi üçin belent hormatdygyny aýdyp, bildirilen myhmansöýerlik üçin türkmen tarapyna hoşallygyny beýan etdi.

Eýran Yslam Respublikasynyň birinji wise-prezidenti Muhammad Reza Aref bildirilen myhmansöýerlik hem-de bu möhüm halkara maslahata gatnaşmaga döredilen mümkinçilik üçin Türkmenistanyň Hökümetine hoşallygyny beýan edip, üstaşyr geçiriji ýurtlar bilen deňze çykalgasy bolmadyk döwletleriň arasynda hyzmatdaşlygy ösdürmegiň möhümdigini belledi.

* * *

BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň çäklerinde bu iri halkara guramanyň ýöriteleşdirilen edaralarynyň we DÇBÖBD-niň sergisi guraldy. Bu sergi 25 pawilýondan ybarat bolup, BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň alyp barýan işleri, DÇBÖBD-niň mümkinçilikleri we olaryň ýüzbe-ýüz bolýan päsgelçiliklerini ýeňip geçmekde bu halkara guramalaryň orny bilen tanyşmaga mümkinçilik berýän möhüm meýdançany emele getirmek bilen, bu döwletleriň ykdysadyýetlerini ösdürmäge toplumlaýyn çemeleşilýändiginiň aýdyň güwäsine öwrüldi.

## AWAZADA BRIFING GEÇIRILDI

6-njy awgustda şanly waka — 6-njy awgustyň «Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň aýratyn zerurlyklary hem-de ösüş ulgamynda olaryň öňünde durýan aýratyn meseleler barada maglumatlary ýaýratmagyň halkara güni» diýlip yglan edilmegine bagyşlanyp, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda ýörite brifing geçirildi.

BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan geçen aýda kabul edilen ýörite Kararnama laýyklykda, bu şanly sene şu ýyldan başlap her ýyl belleniler. Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça Hazaryň kenarynda geçirilen üçünji maslahatynyň dowamynda bu sene ilkinji gezek bellenilýär.

BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary, az derejede ösen, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler hem-de kiçi ada döwletler boýunça Ýokary wekili, BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň Baş sekretary hanym Rabab Fatima gözel we ajaýyp Awazada geçirilen giň wekilçilikli halkara maslahatyň çäklerinde bu taryhy güni dünýäniň dürli ýurtlaryndan gelen hyzmatdaşlar bilen ilkinji gezek bellemegiň özi üçin belent mertebe hem-de uly şatlykdygyny aýtdy.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Raşid Meredow bu halkara güni ilkinji gezek bellemegiň biziň ýurdumyz üçin uly hormatdygyny aýtdy.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Awgust aýynyň 8-i, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-116879
Belgisi: 32/1650
Tiražy: 8105
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# HALKARA FORUMDA ÝAŞLARYŇ ORNY

*«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň çäklerinde Ýaşlar forumy hem geçirildi. BMG-niň düzüm birlikleri we beýleki gyzyklanma bildirýän taraplar bilen ýaşlaryň arasynda netijeli dialogy ýola goýmak üçin meýdança döretmek, DÇBÖBD-iň Hereketleriň Awaza maksatnamasyny durmuşa geçirmekde esasy taraplaryň biri hökmünde ýaşlaryň mümkinçiliklerini giňeltmek, bu döwletler üçin Hereketleriň Wena maksatnamasyny durmuşa geçirmekde gazanylan tejribäni paýlaşmak, Durnukly ösüş maksatlaryny ilerletmek hem-de milli, sebit, dünýä tejribesiniň esasynda Hereketleriň Awaza maksatnamasyny durmuşa geçirmek üçin innowasion çözgütler we başlangyçlar, täze pikirler bilen tanyşdyrmak, şeýle hem BMG-ä agza döwletleriň wekilleri, BMG-niň düzüm birlikleri, raýat jemgyýetçiliginden we hususy pudakdan gyzyklanma bildirýän taraplar bilen ýaşlaryň arasynda hyzmatdaşlygy ýola goýmak bu forumyň esasy maksatlarydyr.*

BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatynyň çäklerinde geçirilen çäreler türkmen ýaşlarynyň durmuş işjeňligini mundan beýläk-de artdyrmak, halkara gatnaşyklary giňeltmek, dünýä giňişliginde umumy bähbitleri ilerletmek babatda ýaşlaryň tagallalaryny birleşdirmäge ýardam berdi. Ýer ýüzünde röwşen geljegi berkarar etmäge işjeň gatnaşýan ýaşlaryň halkara hyzmatdaşlygy häzirki wagtda ählumumy gün tertibi boýunça dünýä bileleşiginiň üstünlikli özara gatnaşyklarynyň kesgitleýji şertleriniň biri hökmünde ykrar edilendir. Birleşen Milletler Guramasynyň «Ýaşlar – 2030» strategiýasynyň maksatlaryna we wezipelerine doly laýyk gelmek bilen, meýilleşdirilýän ähli çäreler dürli medeniýetlere, sebitlere, garaýyşlara wekilçilik edýän ýaşlaryň arasynda netijeli dialogy ösdürmäge, durnukly ösüşiň umumy wezipelerini çözmek işine gatnaşmak mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdirilendir. Awazada geçirilen maslahatyň maksatnamasynyň ýaşlar forumynyň, bu ugurda halkara derejede hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmegiň zerurlygyna degişli ugurdaş meseleleri gozgaýan birnäçe çäreleriň geçirilmegini hem öz içine almagy tötänden däldir.

BMG-niň bu iri ýöriteleşdirilen düzüminiň çäklerindäki geljegi uly taslamalara ýaşlaryň işjeň gatnaşmagyny höweslendirmäge gönükdirilen köpugurly hyzmatdaşlyk türkmen ýaşlarynyň öňünde öz mümkinçiliklerini durmuşa geçirmek üçin has giň şertleri döredýär. Ýaşlaryň halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek, röwşen geljegi döretmegiň hatyrasyna dürli döwletleriň ýaşlary bilen gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmak maksady bilen, hormatly Prezidentimiziň Karary esasynda «Türkmenistanyň ýaşlarynyň halkara hyzmatdaşlygynyň 2023 – 2030-njy ýyllar üçin Strategiýasynyň» kabul edilmegi hem bu ugurda wajyp ädimleriň birine öwrüldi. Ýaşlar meselesiniň Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň sessiýalaryndaky ileri tutýan garaýyşlarynda-da yzygiderli beýanyny tapmagy tötänden däldir. Munuň özi ýurdumyzyň beýleki agza döwletler, BMG-niň bu ugurdaky düzümleri we institutlary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge taýýardygyny tassyklaýar.

Ýaşlar häzirki zaman dünýäsinde, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan kabul edilen Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmakda aýratyn orun eýeleýärler. Bu maksatlar ugurlaryň giň toplumyny, şol sanda ýokary hilli bilim almagy üpjün etmek, daşky gurşawy goramak we ykdysady ösüşe ýardam bermek ýaly möhüm ugurlary öz içine alýar. BMG-niň syýasy resminamalaryny amaly taýdan durmuşa geçirmekde, «Ýaşlar, parahatçylyk we howpsuzlyk» ählumumy gün tertibini bilelikde amala aşyrmakda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ýaşlaryny jebisleşdirmek maksady bilen, soňky ýyllarda BMG-niň ýöriteleşdirilen düzümleriniň, şol sanda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň goldaw bermeginde sebitde ýaşlaryň dialogy işjeň ösdürilýär. Hususan-da, merkez tarapyndan «Öňüni alyş diplomatiýasy akademiýasy» başlangyjy durmuşa geçirilýär. Ol ýaşlary Birleşen Milletler Guramasynyň ulgamynyň çäginde hereket edýän öňüni alyş gurallary bilen tanyşdyrmaga mümkinçilik berýär.

BMG-niň az ösen döwletler, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler hem-de ösüp barýan kiçi ada döwletler boýunça Ýokary wekiliniň müdiriýetiniň hem-de deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň Ýaşlar maslahat beriş toparynyň agzalarynyň ýardam bermeginde, Ýaşlar guramalarynyň halkara komiteti hem-de Çagalaryň we ýaşlaryň işleri boýunça esasy toparyň awtordaşlygynda, deňze çykalgasy bolmadyk 32 ýurduň ählisiniň ýaşlary bilen hemmetaraplaýyn geňeşmeler esasynda taýýarlanylan «Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň geljegi üçin köprüleri gurmak» atly Ýaşlar jarnamasy tanyşdyryldy hem-de makullanyldy. Bu Jarnama DÇBÖBD-de çözgütleri kabul etmek işine ýaşlaryň gatnaşmagyny üpjün etmäge we deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler üçin täze Hereketler maksatnamasynyň wezipelerini hem-de maksatlaryny gazanmakda ýaşlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdirilip, ýaşlaryň has gowy geljek babatda garaýyşlaryny beýan edýär.

Ýaşlar jemgyýetiň aýrylmaz bölegi bolup durýar we olaryň çözgütleri kabul etmek işine gatnaşmagy durnukly ösüşi üpjün etmek üçin möhüm ähmiýete eýe bolýar. Şoňa görä-de, bu Jarnama ýaşlaryň öz geljegini we ýurtlarynyň geljegine degişli strategiýalary döretmäge işjeň gatnaşmagyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Diňe bilelikdäki tagallalar we hyzmatdaşlyk bilen ýaşlaryň ösüşi üçin oňaýly şertleri döretmek mümkindir.

Forumda XXI asyryň iň derwaýys meseleleriniň biri – howanyň üýtgemegi bilen bagly meselä hem üns çekildi. Bu mesele ekoulgamdan ykdysadyýete çenli durmuşyň ähli ugurlaryna täsirini ýetirip, ählumumy derejede gyssagly we netijeli hereketleri talap edýär. Ýaşlar ylym-bilim we tehnologiýalar arkaly Durnukly ösüş maksatlarynyň howanyň üýtgemegine garşy göreşmäge gönükdirilen maksadyny amala aşyrmak boýunça tagallalara saldamly goşant goşýarlar. Olaryň innowasion çemeleşmeleri howanyň üýtgemegi bilen bagly çylşyrymly meseleleriň täze çözgütlerini tapmaga ýardam berýär.

Forum öz işini ýaşuly we ýaş nesliň arasyndaky dialog, şeýle hem «Ösüşi höweslendirmek – deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletlerde durnukly ykdysadyýet üçin sanly ösüş ulgamynda ýaşlaryň ýolbaşçylygyndaky innowasiýalar» hem-de «Hukuklary we özgerişlikleriň mümkinçiliklerini giňeltmek – deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletlerde howanyň üýtgemegine garşy göreşde ýaşlaryň orny» atly bölümçeler bilen dowam etdi.

Umuman, Awazada guralan forum Türkmenistanyň başlangyjy bilen «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilen, şeýle-de ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygyna, BMG-niň esaslandyrylmagynyň 80 ýyllygyna beslenýän şu ýylyň möhüm çäreleriniň birine öwrüldi. Bu çäre jemgyýetiň hereketlendiriji güýji hökmünde ykrar edilen ýaşlary Ýer ýüzünde nurana geljegi gurmak işine mundan beýläk-de işjeň çekmäge amatly şertleriň döredilýändigini görkezýär. Birleşen Milletler Guramasynyň «Ýaşlar – 2030» strategiýasynyň maksatlaryna hem-de wezipelerine doly laýyk gelýän şu gezekki çäräniň ýurdumyzda geçirilmegi munuň aýdyň subutnamasydyr.

**Kakajan BERDIÝEW,**
*Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň bölüm müdiri.*



# Ýurdumyz halkara çäreleriň geçirilýän merkezine öwrüldi

*Hazar deňziniň kenaryndaky «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy ýurdumyzyň syýahatçylyk merkezleriniň esasylarynyň biridir. Bu ýerde bina edilen myhmanhanalar, dynç alyş merkezleri, güýmenje meýdançalary syýahatçylarda ýatdan çykmajak täsirleri galdyrýar. Hazaryň jana şypaly kenarynda dynç almak adamlaryň saglygyny berkitmäge, döredijilik bilen meşgullanmagyna uly ýardam edýär. Hazar deňzi ekologik, ykdysady we medeni taýdan hem uly ähmiýeti bolan ajaýyp ýerleriň biri bolup, sebitde ykdysady ösüşiň we halkara maýa goýumlarynyň ösdürilmegi üçin esasy mümkinçilikleri özünde jemleýär. Möwç urýan Hazar deňzi kenarýaka ýurtlar üçin möhüm ulag ýoludyr.*

Häzire çenli Awazada festiwallaryň, forumlaryň we halkara çäreleriň birnäçesi geçirildi. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly: «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy bagtyýarlygyň we dost-doganlygyň mekanydyr. Hazaryň sapaly kenarynda ýerleşýän Awazada halkara derejede duşuşyklar, dialoglar, forumlar, konsertler we festiwallar yzygiderli geçirilip, dünýä döwletleriniň arasynda syýasy, ykdysady, medeni-ynsanperwer gatnaşyklary täze derejelere götermekde aýratyn ähmiýete eýe bolýar». 2019-njy ýylyň 12-nji awgustynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen birinji Hazar ykdysady forumy, 2022-nji ýylyň 12-nji awgustynda «Hazar deňzi – dostluk we ylalaşyk deňzi» atly ylmy-amaly maslahat, 2023-nji ýylyň 11-12-nji awgustynda «Hazar deňzi – parahatçylyk we dostluk deňzi» atly halkara maslahat geçirildi. Mahlasy, Hazaryň türkmen kenaryny bezäp oturan bu mekan diňe bir syýahatçylyk babatda däl, eýsem, halkara maslahatlaryň, festiwallaryň geçirilýän merkezine hem öwrüldi.

Ýurdumyz dünýäniň abraýly halkara guramalary bilen, şol sanda iň iri halkara guramasy bolan Birleşen Milletler Guramasy bilen ýakyndan we yzygiderli hyzmatdaşlyk saklaýar. Awazada geçirilýän has iri halkara çäreleriň biri bolan BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahaty deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ykdysady, ulag, energetika we ekologiýa mümkinçiliklerini giňeltmegine hem-de halkara söwda ulgamyna doly gatnaşmagyny üpjün etmegine, şeýle hem halkara hyzmatdaşlygyň täze tapgyryna giň ýol açar. Halkara forumyň çäklerinde ugurdaş çäreleriň birnäçesi geçirildi.

Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahat Türkmenistan bilen BMG-niň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygyň taryhynda täze sahypany açdy. Onuň giň gerimli maksatnamasy ösüş üçin zerur bolan wezipeleri çözmäge, uzak möhletleýin geljek üçin hyzmatdaşlygyň täze, möhüm ugurlaryny kesgitlemäge gönükdirilendir. Bu bolsa Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň öňe sürýän döredijilikli başlangyçlarynyň iş ýüzünde üstünlikli durmuşa geçirilýändigini nobatdaky gezek subut edýär.

**Ogulşat SEÝITJANOWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

# Awaza taryhy wakalaryň şaýady

*Binýady berkden gurlan Garaşsyz Türkmenistan Watanymyzyň hemişelik Bitaraplyk syýasaty umumadamzat ösüşiniň ilerlemeginde möhüm orny eýeleýär.*

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahaty ýurdumyzyň halkara derejesindäki ýokary işjeňligini dünýä taryhyna ýazjak çäreleriň biri boldy. Bu halkara çäräniň Türkmenistanda geçirilmegi bolsa, ýurdumyzyň netijeli dialogyň, oňyn gepleşikleriň täsirli meýdançasyna öwrülendigi hem-de bu babatda Birleşen Milletler Guramasynyň ýurdumyzyň netijeli bitaraplyk tejribesine, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekdäki köpugurly tagallalaryna ýokary baha berýändigi bilen baglydyr.

Şu ýylyň 11-nji aprelinde geçirilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 63-nji plenar mejlisinde «BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyny geçirmegiň tertibine goşmaça maglumat» atly Kararnama kabul edilip, halkara maslahaty Türkmenistanda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirmek kesgitlenildi. Hereketleriň Awaza maksatnamasy deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlara mümkinçiliklerini durmuşa geçirmäge hem-de ýakyn onýyllykda, has takygy, 2024 – 2034-nji ýyllarda durnukly ösüş ýoluna düşmäge goldaw berip, ähli gyzyklanýan taraplara gymmatly ýolgörkeziji bolar.

Maslahatyň esasy maksady deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ykdysady mümkinçiliklerini artdyrmakdan, ulag we logistika ulgamlaryny ösdürmekden, sebitara we halkara söwda gatnaşyklaryny ösdürmekden hem-de şol ýurtlaryň dünýä ykdysadyýetine doly derejede goşulyşmagyna ýardam bermekden ybaratdyr. Maslahatda ulag geçelgeleri, serhetüsti söwda, energiýa üpjünçiligi, azyk howpsuzlygy, sanly ykdysadyýet we halkara bilermenleriň, ylmy jemgyýetçiliginiň we işewür toparlaryň gatnaşmagynda maslahatlar, tegelek stollar we ikitaraplaýyn duşuşyklar hem guraldy, howanyň üýtgemegi ýaly möhüm meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygyna, Birleşen Milletler Guramasynyň esaslandyrylmagynyň 80 ýyllygyna beslenýän şu ýylda şeýle wekilçilikli forumyň ýurdumyzda geçirilmegi uly ähmiýete eýedir. Munuň özi ýurdumyzyň ählumumy abadançylygy, howpsuzlygy üpjün etmegiň bähbidine netijeli gatnaşyklary pugtalandyrmak, durnukly energetika, ulag, ekologiýa, daşky gurşawy goramak ýaly ulgamlarda hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek boýunça öňe sürýän başlangyçlarynyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan giňden goldanylýandygynyň aýdyň beýanydyr.

Biz – ýaşlar dünýä ähmiýetli şeýle halkara maslahatlaryň eziz Watanymyz Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda geçirilýändigine tüýs ýürekden buýsanýarys. Goý, ýurdumyzyň abraýyny Ýer ýüzüne ýaýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman, alyp barýan beýik işleri hemişe rowaç bolsun!

**Agageldi MÄMMETGELDIÝEW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*



# Halkara hyzmatdaşlygynyň möhüm forumy

*«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň çäklerinde köpugurly forumlar we beýleki ugurdaş çäreler hem ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilip, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň taryhy wakalarynyň üstüni ýetirdi.*

BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň çäklerinde parlament agzalary üçin «Ugry kesgitlemek: Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasyny ilerletmek» atly Parlament forumy hem geçirildi. Ol deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler üçin täze Hereketler maksatnamasyny durmuşa geçirmekde parlamentleriň ornuna bagyşlandy.

Günorta-Günorta hyzmatdaşlygy boýunça ministrler duşuşygy forumyň dowamynda geçirilen ýokary derejeli halkara çäreleriň biri bolup, BMG-niň Az derejede ösen, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar hem-de kiçi ada döwletler boýunça edarasy we Günorta-Günorta hyzmatdaşlygy boýunça müdirligi tarapyndan guraldy. «Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň durnukly, durmuşa ukyply we üýtgeýän ösüşini üpjün etmek üçin Günorta-Günorta hyzmatdaşlygynyň mümkinçiliklerini açmak» atly mowzukda geçirilen duşuşyk ulag ulgamyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirildi.

Raýat jemgyýetiniň forumynda «Adamlara gönükdirilen gurluşlaýyn özgertmeler we daşky gurşawyň durnuklylygy», «Sanly ykdysadyýet, innowasiýa we durnukly ösüş», «Maliýe arhitekturasy, syýasat we hyzmatdaşlyk» atly plenar mejlisleri geçirilip, raýat jemgyýetleriniň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmek maksat edinildi.

Durnukly energiýa meselesi hem BMG-niň Awaza forumynda esasy meseleleriň biri boldy. Durnukly energiýa boýunça guralan «tegelek stola» gatnaşyjylar agzalýan ýurtlary ygtybarly, elýeterli we ekologik taýdan arassa energiýa bilen üpjün etmek üçin geljegi uly çözgütleri meýilleşdirdiler. Elýeter we arassa energiýa Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin örän möhümdir. Bu maksatlar howanyň üýtgemegine uýgunlaşmagy, zyňyndylary azaltmagy we gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň ösdürilmegini öz içine alýar. Maslahat deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlara, geografik taýdan amatsyz ýerleşendiklerine we ykdysady çäklendirmelere sezewar bolýandyklaryna garamazdan, bu maksatlara ýetmekde öňe gitmäge kömek eder. Türkmenistan durnukly energiýa babatynda we «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmek boýunça başlangyçlary okgunly ilerledýär hem-de ýüze çykýan wajyp meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin amatly gurşawy döredýär.

Umuman, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň öňünde goýan maksatlaryna üstünlikli ýetmegi Durnukly ösüş üçin 2030-njy ýyla çenli döwre bellenen ählumumy gün tertibiniň berjaý edilmegi üçin örän möhümdir. Milletara korporasiýalara we maýadarlara ösüp barýan bazarlara girmek, dünýä ykdysadyýetiniň ösüşine goşant goşmak üçin täze mümkinçilikler açylýar. BMG-niň howandarlygynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyň çözgütleri dünýäniň ykdysady ösüşine oňyn täsir eder. Forum diňe pes derejede ösen ýurtlara ýardam etmek bilen çäklenmän, eýsem, has durnukly, birek-birege bagly we gülläp ösýän ýurtlara-da, galyberse-de, halkara ykdysady ulgama strategik ähmiýetli maýa goýumlaryň akymyny güýçlendirmek maksatlaryna gönükdirilendir. Maslahatda adamzat üçin has möhüm hasaplanylýan alternatiw energiýa, emeli aň, lingwistik ylym, medeniýet, sport, lukmançylyk, robot tehnikasy we ýokary tehnologiýa, kiberhowpsuzlyk ulgamlarynda hem hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri we geljegi barada pikir alyşmak üçin giň mümkinçilik boldy.

**Hydyr ABAKOW,**
*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň Medeniýet we metbugat bölüminiň uly gözegçisi, polisiýanyň kapitany.*



# Awaza forumy: hususy pudagyň mümkinçilikleri artdyrylýar

*«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň çäklerinde Hususy pudagyň forumy hem geçirildi. Forumyň gün tertibine DÇBÖBD-de söwdany we üstaşyr ulag geçelgelerini ösdürmek, sanly özgeriş, maliýeleşdirmek we maýa goýumlar bilen baglanyşykly meseleler girizildi.*

Ýurdumyzda milli ykdysadyýetimiziň hususy ulgamyny ösdürmek, häzirki zamanyň bazar usullaryny giňden ornaşdyrmagyň hasabyna onuň eýeleýän ornuny ýokarlandyrmak, telekeçilik başlangyçlaryny goldamak hormatly Prezidentimiziň alyp barýan durmuş ugurly syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu babatda durmuşa geçirilýän çäreler türkmen işewürleriniň öňünde dürli ulgamlarda ýokary netijeleri gazanmak üçin giň mümkinçilikleri açýar. Ýurdumyzda ykdysadyýetiň hususy pudagyna uly maýa goýum serişdeleri gönükdirilýär, telekeçiler bolsa bu ulgamyň gerimini giňeltmäge, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň öndürijilik kuwwatyny artdyrmaga mynasyp goşant goşýarlar. Şunuň bilen baglylykda, milli ykdysadyýetimiziň bu ulgamyny netijeli hem-de depginli ösdürmek üçin amatly hukuk, ykdysady, maliýe, durmuş şertleri döredilýär. Munuň özi telekeçiligiň, salgyt ulgamynyň hukuk esaslarynyň kämilleşdirilmeginde, eksport-import amallarynyň, telekeçiler üçin karz, gümrük hem-de söwda amallaryny resmileşdirmek işleriniň ýeňilleşdirilmeginde öz beýanyny tapýar.

Ykdysady ösüşi üpjün etmekde hususy pudagyň eýeleýän orny barha ýokarlanýar. Pul-karz we maliýe ulgamyna bazar usullaryny giňden ornaşdyrmak, kiçi, orta we iri hususy kärhanalara goldaw bermegi dowam etmek, hususy işewürlik üçin karz beriş maksatnamasyny giňeltmek, täze iş orunlaryny döretmek boýunça hem anyk çäreler görülýär. Şunda telekeçilik ulgamynyň paýynyň artdyrylmagy hem-de onuň ykdysadyýetde işjeň orny eýelemeginiň üpjün edilmegi esasy wezipeleriň biri bolup durýar. Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty bu ýurtlarda maýa goýum gurşawyny gowulandyrjak hem-de hyzmatdaşlyga ýardam berjek innowasion çözgütleri işläp taýýarlamak üçin netijeli meýdançadyr. Milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmegiň çäklerinde daşary ýurtlardan getirilýän önümleriň ornuny tutýan harytlaryň önümçiligini artdyrmak, ýurdumyzyň eksport harytlarynyň möçberini köpeltmek boýunça maksatnamalar netijeli durmuşa geçirilýär. Olaryň amala aşyrylmagyna Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň uly goşantlaryny bellemek gerek.

Hususy ulgam içerki we halkara çeşmelerden maýa goýumlaryny, şol sanda göni daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek bilen, bu serişdeleri täze önümçilikleri döretmäge gönükdirýär. Şeýle hem hususy pudakdaky bäsdeşlik innowasiýalary we önümçiligiň has netijeli hem-de girdejili görnüşlerini höweslendirýär. Hususy pudagyň mümkinçiliklerini doly derejede açmak üçin hemmetaraplaýyn strategik çemeleşmäniň, şol sanda söwda amallarynyň ýeňilleşdirilmeginiň, hususy eýeçiligiň goraglylygynyň üpjün edilmeginiň, durnukly makroykdysady syýasatyň, şeýle hem telekeçilik üçin maliýeleşdirmäge elýeterliligiň giňeldilmeginiň zerurdygyny bellemek gerek. Şunuň bilen birlikde, ulag-logistikanyň we sanly infrastrukturanyň yzygiderli ösdürilmegi, energiýa çeşmelerine ygtybarly elýeterliligiň üpjün edilmegi, iri taslamalarda döwlet-hususyýetçilik hyzmatdaşlygynyň giňeldilmegi möhüm bolup durýar.

Hünär-tehniki bilime maýa goýmagyň, telekeçiligi işjeň goldamagyň, maýadarlar üçin amatly mümkinçilikleri döretmegiň işewürligi ösdürmäge ýardam berýändigini bellemek gerek. Maglumat tehnologiýalary we hyzmatlary, ýöriteleşdirilen senagat harytlary ýaly ýokary goşmaça bahaly harytlaryň eksportynyň ösdürilmegi, döwrebap logistika çözgütleriniň ornaşdyrylmagy, amatly maýa goýum gurşawynyň döredilmegi, logistikada sanly tehnologiýalaryň giňden ulanylmagy dünýä hojalyk gatnaşyklary ulgamyna işjeň goşulmaga mümkinçilik berýär.

Deňze çykalganyň bolmazlygy söwdany ösdürmek üçin päsgelçilik döredýär, ýöne hususy pudagyň bilelikdäki strategiýalary işläp taýýarlamak işine işjeň gatnaşmagy bu päsgelçilikleri ýeňip geçmäge ýardam berýär. Multimodal ulag-aragatnaşyk ulgamynyň düzümlerini, şol sanda demir ýol, awtomobil, deňiz ulaglaryny, port düzümlerini ösdürmek we goldamak üçin ýurdumyzda döwlet bilen hususy pudagyň özara hyzmatdaşlygy has-da ilerledilýär. Bu ulgama maýa goýumlary çekmegiň möhümdiginden ugur alnyp, bäsdeşlige ukyply milli logistika kompaniýalarynyň döredilmegine aýratyn üns berilýär.

Bir söz bilen aýdylanda, bu forum dünýäniň deňze çykalgasy bolmadyk 32 ýurdunda Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmak babatda hususy pudagyň mümkinçiliklerini durmuşa geçirmegiň strategiýasyny işläp taýýarlamak üçin işewür toparlaryň wekilleriniň dünýä ýurtlarynyň hem-de BMG-niň ýokary wezipeli wekilleri bilen pikir alyşmagyna ajaýyp mümkinçilik boldy.

**Gülşat ATAMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

**gysga setirlerde**

**Prezidentlige dalaş eder.** Kot-d’Iwuaryň Prezidenti Alassan Uattara dördünji möhlete dalaş etmekçi. Bu barada 83 ýaşly syýasatçy sosial ulgamda ýaýradylan wideo ýüzlenmesinde mälim etdi. – Men dalaşgär hökmünde saýlawlara gatnaşýandygymy tassyklaýaryn – diýip, Alassan Uattara aýtdy. Uattara 2010-njy ýylda öňki Prezident Loran Gbagbonyň ýerine gelipdi. Ýurtda indiki Prezident saýlawlary 25-nji oktýabrda geçiriler.



**Iň uzyn Gün tutulmasy bolar.** Ýene-de iki ýyldan, 2027-nji ýylyň 2-nji awgustynda doly Gün tutulmagy bolup geçer. Ol «Asyryň Gün tutulmasy» diýlip atlandyrylýar, sebäbi ol 6 minut 23 sekunt dowam edip, 1991-nji ýyldan bäri Ýer ýüzünde görlen iň uzyn Gün tutulmasy bolar. Bu barada «The Economic Times» NASA salgylanyp habar berýär. Şondan soňky uzyn Gün tutulmasy 2100-nji ýyldan soň bolup geçer.



**Hytaýda «çişlik» kolleji açyldy.** Hytaýyň Hunan welaýatynda barbekýu aşpezleri üçin ilkinji kollej açyldy. Ol çişlik taýýarlamak boýunça aşpezlik usullary bilen meşhur bolan Hunan şäherinde ýerleşýär. Bu ýerde 2 müňden gowrak çişlik bişirilýän garbanyşhana bar. Kollej Ýueniň açyk uniwersitetiniň düzüminde açyldy. Taslama ýerli häkimýetleriň we Ýueniň barbekýu birleşiginiň gatnaşmagynda döredildi.



**Winston Çerçilliň äýnegi satuwda.** Beýik Britaniýanyň öňki Premýer-ministri Winston Çerçilliň äýnegi satuwa çykaryldy. Onuň başlangyç bahasy 59,9 müň funta deň diýip, auksionda habar berdiler. Äýnek 1954-nji ýylda ýasalyp, Çerçill ony hökümet Başlygy wezipesinde ikinji möhletde işlän döwründe ulandy. Çerçill 1940-1945-nji we 1951-1955-nji ýyllarda Premýer-ministr wezipesini eýeläp, ýurduň syýasatynda möhüm rol oýnady.



**Patyşalygyň astronomy zenan boldy.** Professor Mişel Doerti Beýik Britaniýanyň Patyşalygynyň astronomy wezipesine bellendi. Ol bu wezipäni eýelän ýurduň taryhynda ilkinji zenandyr. Martin Ris 30 ýyl işläp, pensiýa çykandan soň Doerti bu wezipäni eýeledi. Patyşalygyň astronomy wezipesi 1675-nji ýylda döredilipdi. Häzirki wagtda astronom kosmos pudagyndaky täze açyşlar barada monarha habar berýär.



**Narendra Modiniň rekordy.** Hindistanyň Premýer-ministri Narendra Modi ozalky Premýer-ministr Indira Gandiden hem uzak wagtlap işlän ilkinji Premýer-ministr boldy. 25-nji iýulda Modiniň häkimiýet başynda bolmagyna 4 müň 78 gün doldy. Indira Gandi 1966-njy ýylyň ýanwar aýyndan 1977-nji ýylyň mart aýyna çenli Premýer-ministr wezipesinde 4 müň 77 gün üznüksiz işledi. Modi 2014-nji ýyldan bäri Premýer-ministr bolup işleýär.



**Dogluş derejesi pese düşdi.** ABŞ-da dogluş derejesi 2024-nji ýylda iň pes derejä düşüp, her zenana 1,6 çaga düşdi. 1960-njy ýyllaryň başynda ýurtda her bir zenana ortaça 3,5 bäbek düşýärdi. Ýöne 1976-njy ýyla çenli 1,7-ä çenli azaldy. 2007-nji ýylda 2,1-e çykdy, soňra bolsa ýene-de peselip başlady. Maglumatlara görä, ABŞ-da çaga doglușy 2023-nji ýylda 1,6 bolup, 2024-nji ýylda 1,6-a düşdi.



**Maýkl Jeksonyň joraby satyldy.** Maýkl Jeksonyň 1997-nji ýylda Nissada guralan konsertde geýen hrustal nagyşly joraby Fransiýada geçirilen auksionda 6 müň 200 ýewro satyldy. Tehniki işgärleriň biri bu joraby konsertden soň Jeksonyň grim otagyndan tapypdyr. Pop sazlarynyň şasy 1997-nji ýylda «HIStory World Tour» syýahatynda haşamlanan ak reňkli sport joraplaryny geýipdi. Birnäçe onýyllykdan soň jorabyň reňki öçüp, ony bezän daşlar saralypdyr.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1899-njy ýylyň 8-nji awgustynda amerikan oýlap tapyjysy Albert Marşal sowadyja patent alýar. 1911-nji ýylda «General Electric» döwrebap görnüşli sowadyjylary öndürip başlaýar. Ýöne gaz bilen işleýän bu enjamyň sesi gaty bolansoň, köpleriň göwnünden turmaýar. 1926-njy ýylda daniýaly inžener Stindrup sessiz sowadyjy öndürýär. Şondan soň sowadyjylar tiz wagtda Amerikada ýörgünli hojalyk enjamyna öwrülýär.**



# Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň üçünji maslahaty

Şu gün Awazada BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty öz işini tamamlaýar. Maslahata köp sanly döwlet we hökümet Baştutanlary, BMG-niň ýolbaşçylary, halkara we sebit guramalarynyň wekilleri gatnaşyp, Deňze çykalgasy bolmadyk döwletleri ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalary durmuşa geçirmek üçin hyzmatdaşlygyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Hünärmenleriň pikiriçe, bu döwletleriň ösmegi, esasan, ýol-ulag infrastrukturasynyň ösmegine we sebitleýin integrasiýa baglydyr. Awaza forumy çözgütleri tapmak we hyzmatdaşlygy ýola goýmak, kynçylyklary ýeňip geçmek we döwletleriň has adalatly hem-de gülläp ösmek üçin mümkinçiliklerini doly durmuşa geçirmek maksady bilen täze çözgütleri tapmak üçin guraldyr.

***Diplomatik ähmiýetli çäre***

Halkara maslahatyň çäklerinde guralan syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurly çäreleriň möhümdigini bellemek gerek. Şeýle çäreler ähmiýetli gepleşikleriň geçirilmegine şert döredip, döwletara gatnaşyklaryň hil taýdan täze binýadyny emele getirmäge goşant goşýar.

Awazada geçirilen forum 570 milliondan gowrak ilata wekilçilik edýän 32 döwlet üçin



öz ösüş strategiýalaryna gaýtadan seretmäge, hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny berkitmäge, täzeçil çözgütleri tapmaga amatly mümkinçilikdir. Merkezi Aziýada strategik taýdan amatly çäkde ýerleşýän ýurdumyz bu sebiti Hazar deňzi arkaly dünýä bazarlary bilen baglanyşdyrýan ulag geçelgelerini ösdürmek boýunça başlangyçlary işjeň ilerledýär.

***Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň esasy meseleleri***

Deňze elýeterliligiň bolmazlygy, dünýä bazarlaryndan üzňeleşmek we ýokary söwda çykdajylary deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ösmegine çäklendirmeleri döredýär. Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler halkara bazarlar bilen aragatnaşyk gurmak üçin üstaşyr ýurtlara bil baglamaly bolýarlar. Bu ýagdaý çykdajylaryň ýokarlanmagyna, harytlaryň eltilmeginiň gijikmegine sezewar bolup biler. Orta hasap bilen deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň halkara bazara haryt ibermek we almak üçin ulag çykdajylary iki esse köpdür.

***Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler hökmünde kesgitlenýän ýurtlar:***

Aziýada: Azerbaýjan, Ermenistan, Owganystan, Butan, Gazagystan, Gyrgyzystan, Laos, Mongoliýa, Nepal, Täjigistan, Türkmenistan, Özbegistan.

Afrikada: Botswana, Burkina-Faso, Burundi, Zambiýa, Zimbabwe, Malawi, Mali, Niger, Ruanda, Uganda, Merkezi Afrika Respublikasy, Çad, Eswatini (Swazilend), Efiopiýa, Günorta Sudan, Lesoto.

Ýewropada: Moldowa Respublikasy, Demirgazyk Makedoniýa.

Günorta Amerikada: Boliwiýa, Paragwaý.

***Döwletleriň açyk deňizlere çykmak hukugy***

Halkara hukugyna laýyklykda, (BMG-niň Deňiz kanuny baradaky konwensiýasy, 1982-nji ýyl, X bölüm), yklymyň içinde galan döwletleriň deňze çykmaga hukugy bar. Bu hukuk, gyzyklanma bildirýän döwletler bilen üstaşyr döwletleriň arasynda ýörite şertnama baglaşmak arkaly amala aşyrylýar. Deňze çykalgasy bolmadyk döwlet öz baýdaklary bilen daşary ýurt portlarynda ýerleşýän gämilere eýe bolup biler. Şeýle hem bu döwletler gämi gatnawlary, balyk tutmak, uçar gatnawy, suwasty kabelleri we turbageçirijileri goýmak ýaly açyk deňizde deň esaslarda ähli hukuklardan peýdalanýarlar.

Deňze çykalgasy bolmadyk döwletleriň iň ulusy Gazagystan, iň köp ilatlysy Efiopiýa, deňze iň ýakyny Moldowa, iň uzagy bolsa Mongoliýa hasaplanýar.

# HAZAR METBUGAT FORUMY GEÇIRILER




21-22-nji awgustda Russiýanyň Astrahan şäherinde GDA-nyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri ulgamynda iň uly çärelerden biri «Hazar media forumy 2025» guralar. Russiýanyň, Eýranyň, Türkmenistanyň, Gazagystanyň we Azerbaýjanyň ministrleri, diplomatlary, ýokary okuw mekdepleriniň tejribeli mugallymlary hem-de žurnalistleri Astrahanyň döwlet opera we balet teatrynyň binasynda duşuşarlar. Forumyň esasy mowzugy Hazar sebitiniň ýurtlarynyň arasyndaky medeni gepleşikleri ösdürmegiň mümkinçiliklerine bagyşlanar.

Forumyň ilkinji çäresi «Medeniýetleriň gepleşikleri – Hazar sebitiniň ösüşiniň esaslary» atly umumy maslahat bolar. Sebitleýin hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri baradaky foruma diňe «Hazar bäşligi» ýurtlarynyň ilçileri we diplomatlary däl-de, eýsem, Russiýanyň Prezidentiniň Günorta Federal sebitindäki doly ygtyýarly wekiliniň orunbasary Anton Kalinin, Astrahanyň wise-gubernatory Pawel Pautow we Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň federal gullugynyň başlygy Ýewgeniý Primakow hem gatnaşar.

Ondan soň iň gowy žurnalist işi üçin «Serhetsiz Hazar» atly bäsleşigiň netijeleri jemlenip, iň gowy fotoreportaž üçin dalaşgär saýlanar. Indiki sessiýada Hazar ýurtlarynyň arasyndaky medeni gepleşik barada jikme-jik pikir alşylar. Soňra foruma gatnaşyjylar ýurtlaryň arasyndaky özara gatnaşyklaryň ösmeginde kino sungatynyň ähmiýeti barada aýratyn maslahat ederler.

Şeýle hem sanly gurallaryň we mümkinçilikleriň ara alnyp maslahatlaşylmagyna bagyşlanan sessiýa meýilleşdirilýär, Bu diňe bir ýurtlaryň arasyndaky gepleşikleri ýönekeýleşdirmän, eýsem, onuň çäklerini has-da giňeldýär. Bu mediýa forumyň çäklerinde sebitdäki ýurtlaryň iň uly habar agentlikleriniň wekilleriniň maslahaty hem guralar.

# Täze baş müdir bellendi

Liýa Gutýerres Aziýa Ösüş Bankynyň (AÖB) Merkezi we Günbatar Aziýa boýunça sebit bölüminiň baş müdiri wezipesine bellendi. Gutýerres AÖB-nyň Owganystan, Ermenistan, Azerbaýjan, Gruziýa, Gazagystan, Gyrgyzystan, Pakistan, Täjigistan, Türkmenistan, Özbegistan we Türkiýe ýaly 11 ýurt bilen hyzmatdaşlygyna gözegçilik eder.

Liýa Gutýerres Filippinleriň raýaty bolup, ABŞ-nyň Pensilwaniýa uniwersitetinde ykdysadyýet boýunça magistr we doktor derejesini aldy. Liýa Gutýerresiň 40 ýyldan gowrak hünär tejribesi bolup, 25 ýyl Aziýa Ösüş Bankynda işledi. Häzirki wezipesine bellenmezinden öň, maliýe pudagyna, adam kapitalynyň ösüşine we jemgyýetçilik sferasyna,




döwlet dolandyryşyna we dolandyryş netijeliligine gözegçilik edýän Üçünji pudak bölüminiň baş müdiri wezipesini ýerine ýetirdi. Ondan öň bankyň Ýuwaş umman sebiti boýunça bölümine-de ýolbaşçylyk edipdi. Mundan başga-da, Gutýerres AÖB-nyň strategiýasy, syýasaty we hyzmatdaşlygy bölüminde, Günorta-Gündogar Aziýa sebit bölüminde we Bankyň sekretariatynda ýokary wezipelerde işledi.

AÖB 1966-njy ýylda esaslandyryldy, onuň ştab-kwartirasy Filippinleriň Manila şäherinde ýerleşýär. Bankyň düzümine 69 ýurt agza bolup, olaryň 50-si Aziýa-Ýuwaş umman sebitinde. Türkmenistan bilen AÖB-nyň hyzmatdaşlygy ulag, energetika, hususy pudagy goldamak we maýa goýum hyzmatdaşlygy ugurlaryny öz içine alýar.

# Eksporty 1,7 million tonna çenli artdyrar

Gazagystan Baku-Tbilisi-Jeýhan nebit geçirijisi arkaly eksporty 2024-nji ýylda 1,4 million tonnadan 2025-nji ýylda 1,7 million tonna çenli artdyrmagy meýilleşdirýär. Bu barada Gazagystanyň energetika ministri Ýerlan Akkenženow metbugat ýygnagynda habar berdi.

– Ösüş (eksportda) 2025-nji ýyla meýilleşdirilýär. Geçen ýyl bu ugurda, takmynan, 1,4 million tonna eksport eden bolsak, 2025-nji ýylda, takmynan 1,7 million tonna eksport etmegi meýilleşdirýäris – diýip, Akkenženow bu turbageçiriji arkaly nebit eksporty baradaky sowala jogap berdi. Onuň sözlerine görä, 2025-nji ýylyň ilkinji alty aýynda Gazagystan bu ugur arkaly 800 müň tonna nebit eksport etdi.

Mundan ozal Gazagystanyň Prezidentiniň metbugat gullugy Gazagystanyň we



Türkiýäniň liderleriniň iýul aýynyň ahyrynda Ankarada geçirilen duşuşykda eksporty artdyrmak meselesini ara alyp maslahatlaşandygyny habar berdi. Şeýle hem Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew türk kompaniýalaryny elektrik defisitini azaltmaga gönükdirilen taslamalara gatnaşmaga çagyrdy.

2022-nji ýylda Tokaýew hazarüsti geçelgesinde nebit daşamagyň mukdaryny artdyrmak barada görkezme berdi. Gazagystanyň «GazMunayGas» we Azerbaýjanyň SOCAR kompaniýalary her ýylda 1,5 million tonna nebit daşamagy göz öňünde tutýan şertnama gol çekdiler.

# Robotly kosmos gämisini orbita ibermekçi

Hindistanyň Kosmos barlaglary guramasy 2025-nji ýylyň dekabrynda adamsypat robotly kosmos gämisini orbita ibermegi meýilleşdirýär diýip, guramanyň başlygy Wanniýaperumal Naraýanan aýtdy. Uçuş 2027-nji ýylyň martynda meýilleşdirilen «Gaganyaan» missiýasynyň çäklerinde amala aşyrylar.



– Zenan keşpli «Wiommitra» atly adamsypat robot kosmos gämisiniň ähli esasy ulgamlaryny barlamak üçin iberiler – diýip, Naraýanan belledi. «Wiommitra» durmuşy üpjün edýän ulgamlary we uçuşa gözegçilik ulgamyny synagdan geçirer. Guramanyň başlygynyň sözlerine görä, 2026-njy ýylda ýene-de iki sany pilotsyz missiýanyň işe girizilmegi meýilleşdirilýär. Eger-de şowly bolsa, Hindistanyň ilkinji dolandyrylýan kosmos missiýasy 2027-nji ýylyň martynda uçurylar.

Hindistanyň Premýer-ministri Narendra Modi 2018-nji ýylda «Gaganyaan» taslamasyny yglan etdi we 2022-nji ýylda ilkinji adamly kosmos uçuşyny amala aşyrmak barada maksat goýdy. Ýöne COVID-19 pandemiýasy we beýleki meseleler zerarly uçuş yza süýşürildi.

Missiýanyň kosmos gämisi Hindistanyň Kosmos barlaglary guramasy tarapyndan işlenip düzülýär we üç adamdan ybarat ekipaža niýetlenendir. Hindistan Russiýadan, ABŞ-dan we Hytaýdan soň kosmosa adamly uçuşy özbaşdak amala aşyran dördünji ýurt bolup biler.

# 2025-nji ýylda dünýäniň iň baý ýurtlary

**«Visual Capitalist» portaly tarapyndan taýýarlanan infografikada 2025-nji ýylda iň ýokary maddy üpjünçilik derejesi bolan ýurtlaryň üç reýtingi görkezilýär. Çep sütünde – ýurtlar adam başyna düşýän jemi içerki önümi (2025-nji ýyl üçin Halkara Pul Gaznasynyň maglumatlary), ortada – adam başyna düşýän umumy milli girdejisi (2024-nji ýyl üçin Bütindünýä Bankynyň maglumatlary), sagda – ortaça maddy hal-ýagdaýy (Şweýsariýanyň UBS bankynyň 2024-nji ýyl üçin maglumatlary) getirilipdir.**




**Dürli ölçegleriň ulanylmagynyň iň baý ýurtlaryň sanawynda döwletleriň ornuna ep-esli derejede täsir edýändigi äşgärdir. Üç sanawyň ählisinde ilkinji bäşlige giren ýeke-täk döwlet Lýuksemburgdyr. Ol adam başyna düşýän jemi içerki önümi (140,9 müň dollar) we ortaça hal-ýagdaýy (395,3 müň dollar) boýunça birinji ýerde durýar. Şol bir wagtyň özünde umumy milli girdejisi boýunça bolsa Bermud adalaryndan (140,3 müň dollar), Norwegiýadan (98,2 müň dollar) we Şweýsariýadan (95,9 müň dollar) soň dördünji orunda (91,5 müň dollar) durýar.**

**2025-nji ýylda adam başyna düşýän jemi içerki önüm boýunça iň baý 10 ýurduň sanawy aşakdaky ýaly tertipde:**

**• Lýuksemburg – 140,9 müň dollar; • Irlandiýa – 108,9 müň dollar; • Şweýsariýa – 104,9 müň dollar; • Singapur – 92,9 müň dollar; • Islandiýa – 90,3 müň dollar; • Norwegiýa – 89,7 müň dollar; • ABŞ – 89,1 müň dollar; • Makao – 76,3 müň dollar; • Daniýa – 75 müň dollar; • Katar – 71,7 müň dollar.**

# Dünýäniň iň howpsuz ýurtlary

**Birleşen Arap Emirlikleri we Andorra 2025-nji ýylda dünýäniň iň howpsuz ýurtlarynyň sanawynda birinji orny eýeledi. Bu barada «Numbeo» maglumat kompaniýasy habar berýär.**

**Maglumatlara görä, şu ýyl sanawda öňdebaryjy orny eýelän ýurtlar güýçli hukuk goraýjy ulgamlary, syýasy durnuklylygy we jenaýatyň pes derejesi bilen tapawutlanýar. Ýokary ballar olary halkara maýadarlar we jahankeşdeler üçin özüne çekiji edýär.**

**Dünýäniň iň howpsuz 5 ýurduna BAE (85,2 bal), Andorra (84,8), Katar (84,6), Taýwan (83) we Oman (81,8) girdi. Sanawda howpsuzlyk görkezijisi 50,8 bal bolan ABŞ 91-nji orunda, 51,76 bal bilen Beýik Britaniýa 86-njy orunda durýar.**

**«Numbeo»-nyň howpsuzlyk boýunça indeksi, esasan, raýatlaryň öz ýurtlarynda näderejede özlerini rahat duýýandyklary baradaky pikirleri esasynda düzülýär. Ol howpsuzlyga umumy garaýyşlary goşmak bilen dürli ölçegleri göz öňünde tutýar. Bu ýyl sanawa 146 ýurt girdi.**



# BAE 100 million mangrow eker

**Birleşen Arap Emirlikleri 2030-njy ýyla çenli 100 million düýp mangrow agajyny ekmek üçin giň gerimli daşky gurşaw başlangyjyny ýola goýdy diýip, ýurduň Howanyň üýtgemegi we daşky gurşaw işleri boýunça ministrligi habar berdi.**

**Taslamanyň maksady kenarýaka sebitleriniň howanyň üýtgemegine çydamlylygyny ýokarlandyrmak, şeýle hem deňiz ösümlikleri we haýwanat dünýäsi üçin amatly şert döretmekdir. Bu başlangyjyň çäginde pilotsyz uçarlaryň kömegi bilen, eýýäm 30 milliondan gowrak nahal oturdyldy. Mälim bolşy ýaly, mangrow agaçlary deňiz derejesiniň ýokarlanmagyna we global ýylylygyň täsirine garşy tebigy galkan hökmünde çykyş edýär. Mundan başga-da, uglerody özüne siňdirmek we muny tropik tokaýlardan 4 esse gowy berjaý etmek üçin ajaýyp ukyby bar. Olar köp sanly deňiz jandarlarynyň öýi bolup, ekologik deňagramlylykda möhüm rol oýnaýarlar.**

**BAE halkara derejesinde 45 ýurdy we guramany özüne birleşdirýän «Mangrove Alliance for Climate» (MAC) başlangyjyny öňe sürýär, şeýle hem Indoneziýadaky Muhammet bin Zaýed we Joko Widodo adyndaky Halkara mangrow barlag merkezini maliýeleşdirýär. Şu ýylyň oktýabr aýynda Abu-Dabide halkara tebigaty goramak bileleşiginiň (IUCN) howandarlygynda tebigaty goramak boýunça Bütindünýä kongresi geçirilip, onuň esasy maksady mangrow ekoulgamlaryny gorap saklamak bolar.**





Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# «Rapa Nui» täsin heýkelleriň milli seýilgähi

Dünýäde 2 million töweregi ada bolup, adalaryň köpüsinde ilat ýaşaýar. Adalaryň aglaba bölegi ýurduň çäginde ýerleşýän bolsa, käbir ada ilatly ýerlerden has uzakda bolup, barmasy kynlygy bilen tapawutlanýar. Ummanyň ortasynda, üstünden ýol geçmeýän sebitde uly heýkelleri bilen myhmanlary garşylaýan «Rapa Nui» milli seýilgähi täsin ýerleriň biri hasaplanýar. Bu milli seýilgäh Pasha adasynda ýerleşýär. Günorta Ýuwaş ummanynyň merkezinde wulkanyň atylmagy netijesinde emele gelen Pasha adasy daşdan ýasalan äpet heýkelleriň jemlenen ýeridir. Taryhy maglumatlara görä, 700-nji ýyllarda adada ýaşan polineziýalylar ynançlary üçin «Moai» (eýe) atly ägirt uly daş heýkellerini oýup ýasapdyrlar. Arheologik barlaglaryň geçirilendigine garamazdan bu heýkelleriň näme sebäpden ýasalandygy entek hem syrlygyna galýar.





XVIII asyrda uzak ýurtlardan edilen syýahatlaryň netijesinde 1888-nji ýylda Pasha adasy Çili döwletine birikdirilýär. 1995-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen bu adada polineziýa medeniýetine degişli birnäçe alamatlar saklanýar. Häzirki wagtda Pasha adasynda 887 sany äpet moai heýkeli bar. Heýkelleriň beýikligi ortaça 4 metrden 10-12 metre çenli aralykda bolup, birnäçesiniň ýere gömlüp barýandygy sebäpli, diňe kelle bölegi görünýär. Bu heýkelleriň agramy ululygyna görä 13 tonnadan 82 tonna çenli aralykda üýtgeýär.

Pasha dünýäniň beýleki ýerlerinden düýbünden tapawutlanýan adadyr. Adanyň töwereginde tokaýlyklar bolsa-da, Pasha adasynda hiç hili agaç ýok. Şol sebäpli adada janly-jandarlaryň hem käbir görnüşi duş gelýär. Bilermenler munuň sebäbini adada ýaşaýan ilatyň köpelmegi bilen baglanyşdyrýarlar. Şeýle hem bu ýerde internet birikmesi ýok. Adada 6 müň töweregi ilat ýaşaýar. Pasha adasynda süýji suwuň hemişelik çeşmesiniň ýokdugy üçin bu ýerde ýagyşdan innowasion usullarda içimlik suwy alynýar.

Pasha adasy barmasy kyndygyna garamazdan syýahatçylaryň ünsüni özüne çekýär. «Rapa Nui» milli seýilgähinde gezelenç edýän myhmanlar heýkelleri synlamak bilen bir hatarda adanyň kenarynda dynç alýarlar. Adada heýkeller bilen bir hatarda polineziýa medeniýetine degişli birnäçe petroglifler (gaýalara çekilen surat) hem bar.

# Aşhananyň çalt hapalanýan ýerleri

**Öýi we aşhanany wagtly-wagtynda arassalamak saglyk üçin derwaýys amallaryň biridir. Hünärmenleriň bellemegine görä, öýi hepdede 2 gezek, aşhanany bolsa her gün arassalamak döräp biljek ýokançlyklaryň we hapaçylygyň öňüni almaga ýardam edýär. Aşhanada bakteriýalaryň we mikroblaryň köp bölegi saklanýar. Et ýa-da gök önümler kesilýän tagta, çekmäniň, aşhana gurallarynyň tutawajy, nahar taýýarlanylýan stol bakteriýalaryň saklanýan ýeri bolup, arassaçylyk talabalaýyk berjaý edilmese, dürli keselleri döredip bilýär. Aşhanada her gün arassalanmaly ýerler:**



**SOWADYJYNYŇ GAPYSY.** Aşhanada iň çalt hapalanýan ýerleriň biri sowadyjy hasaplanýar. Esasan hem, sowadyjynyň et saklanýan bölegi we tutawajy has çalt hapalanýar. Sowadyjyda azyk önümleriniň dürli görnüşi saklanýar. Öý bikeleri ýa-da aşpezler tagam taýýarlanlarynda gerek bolan azyk serişdelerini almak üçin sowadyjyny birnäçe gezek açyp-ýapýarlar. Her gezek açylyp-ýapylanda sowadyjynyň tutawajyna eliňdäki suw, iýmitiň galyndysy ýa-da gök önümleriň şiresi ýapyşyp galýar. Bu bolsa sowadyjynyň tutawajynda we gapysynyň daşynda mikroblaryň döremegine sebäp bolýar. Şol sebäpli her gün ýa-da her gezek nahar taýýarlanylandan soň, sowadyjynyň daşky bölegini zyýansyzlandyrylan esgi bilen süpürmeli. Nahar taýýarlanyp bolnandan soň eliňi 15 sekuntlap sabynlap, mylaýym suw bilen ýuwmagy ýatdan çykarmaly däl.

**MATA SÜPÜRGIÇ.** Öý bikeleri ýuwlan gap-gaçlary gury mata süpürgiç bilen süpürip, soňra ýygnap goýmagy makul bilýärler ýa-da nahar taýýarlanandan soňra plitanyň we stoluň üstüni esgi bilen süpürýärler. Köplenç gury mata süpürgiçler zyýansyz diýlip hasaplansa-da, aşhananyň degişli ýerleri süpürilenden soň, esgä galan-gaçan hapalar ýapyşyp, mikroblaryň döremegine sebäp bolýar. Esasan hem, saçak süpürilýän mata süpürgiçde has köp galyndy toplanýar. Şol sebäpli mata süpürgiji her gezek çalşyp durmak ýa-da mazaly ýuwup, guradyp, soňra ulanmak maslahat berilýär.

**GAP-GAÇ ÝUWUJY SÜRTEÇ.** Adatça soňky ýyllarda gap-gaç ýuwmak üçin sintetik sürteç (gubka) ulanylýar. Hünärmenleriň bellemegine görä, gap-gaç ýuwlup bolnandan soň, sintetik sürtejiň suwuny sykman goýmak we gap-gaç ýuwulýan sürteç bilen legeniň (rakawina) içini süpürmek öý bikeleriniň ýol berýän iň uly ýalňyşlygydyr. Sintetik sürteji her hepdede çalşyp, täzeläp durmaly.

**GAP-GAÇ ÝUWULÝAN ÝER.** Bu ýer üstünden suw akýan içi çukur, ýukajyk legen lagyma goşulýan turba birikýär. Legeniň içinde her gün 3-4 gezek gap-gaçlaryň ýuwulmagy, hapa galyndylaryň suw bilen goşulyp, akyp gitmegi, wagtyň geçmegi bilen legeniň hem-de turbanyň içinde kömelejikleriň we bakteriýalaryň köpelmegine getirýär. Şol sebäpli her hepdede legeniň içini limon kislotasy ýa-da zyýansyzlandyryjy serişdeler bilen ýuwmak hem-de gaýnag suw guýmak maslahat berilýär. Hünärmenler nahar iýlip bolnandan soň, ýuwulmaly gap-gaçlary legeniň içinde toplap goýmagyň ýalňyşdygyny belleýärler. Hapa gap-gaçlary ilki stoluň üstünde goýmaly, soňra ýekeýekeden alyp, akar suwuň aşagynda ýuwmaly.

# Kompýuteriň öňünde nähili oturmaly?!

**Adamlaryň aglaba bölegi iş wagtlaryny, ýagny hepdede 40 sagadyny oturymly durmuş ýörelgesine uýgunlaşmak esasynda iş oturgyjynda geçirýärler. Bu ýagdaý, esasan hem, kompýuterde iş alyp barýan hünärmenlerde has köp duş gelýär. Her gün oturgyçda oturyp işlemek arkada we eginlerde agyryny döretmek bilen bir hatarda, saglyga hem oňaýsyz täsirini ýetirip biler. Eýsem, iş stolunda nähili oturmaly?! Geliň, oturgyçda dogry oturmagyň düzgünleri hem-de aralyk maşklaryň ýerine ýetirilişi bilen tanyş bolalyň!**



**Goldawly (ergonomik) oturgyç ulanmaly.** Kompýuteriň başynda uzak wagtlap işlemekde iň gowy usullaryň biri ergonomik oturgyçdyr. Ýumşak hem maýyşgak häsiýetli bu oturgyçlar egniň we oňurganyň dogry saklanmagyna kömek edýär. Oňurganyň tebigy egriligine eýerýän, arka myşsalara goldaw berýän maýyşgak oturgyçlar saglyk bilen bagly käbir gaýra üzülmeleriň öňüni almaga kömek edip biler. Munuň üçin ilki bilen bedeni oturgyçda dogry ýerleşdirmeli. Oturgyjyň arkasyna biliň we eginleriň degmeli. Monitora görä oturgyjyň beýikligini sazlamak hem esasy şertleriň biri bolup durýar. Oturanyňyzda kelläňiz monitoryň gabadynda durmaly hem-de ekrana göni seretmeli. Gytaklaýyn ýa-da aşakdan ýokary seredilende kellagyrynyň döremegine we görşüň peselmegine getirip biler. Oturgyçda oturylanda boýnuň dik saklanmagyny hem ünsden düşürmeli däl. Üns bermeli ýene bir zerurlyklaryň biri hem aýaklaryň durşudyr. Aýagyň daban bölegi ýere göni basylyp, dyzyň eplenişi 90 derejede (burç görnüşinde) saklanmaly. Aýaklaryň öňe-yza serpikdirilip oturylmagy myşsalaryň sozulmagyna hem-de gan aýlanyşyndaky käbir bökdençliklere getirip biler. Islendik oturgyçda oturylanda hem şu kadalara üns bermegi ýatdan çykarmaly däl.

**Ýörite maşklary ýerine ýetirmeli.** Maşk etmek zyýanly täsirleri aradan aýyrmak üçin iň gowy usullaryň biridir. Ýörite maşky oturan ýeriňde 1-2 minutyň içinde ýerine ýetirip bolýar. Maşkyň ýerine ýetirilişi: stoluň üstünde eliňizi göni goýup, barmaklaryňyzy öňe uzatmaly hem-de birnäçe gezek barmaklaryňyzy gysyp-açyp hereket etdirmeli. Soňra eliňizi biri-birine sereder ýaly edip, döşüňe çenli keselegine ýokary galdyrmaly. Tirsekleriňizi oturgyja tarap yza çekmeli hem-de uludan dem almaly. Täsir edişine görä, bu ýagdaýy birnäçe gezek gaýtalamaly. Mundan başga-da, iş şertine görä arassa howada biraz gezelenç etmeli, ýoga bilen meşgullanmaly hem-de tigir sürmeli.

**Ekrany sazlamaly.** Kompýuteriň monitorynyň ýagtylygy we durşy bedeniň çalt ýadamagyna hem-de göze täsirini ýetirýär. Monitory klawiaturanyň merkezinde göni goýmaly. Oturgyçda oturyp göni seredilende ekranyň duruş derejesi gözden 5-10 santimetr ýokarda bolmaly.

**Klawiaturanyň durşuna üns bermeli.** Iş stolunda işlenende klawiaturanyň ýerleşişi hem öz täsirini ýetirýär. Düwmeler basylan wagty eliň we egniň dartylmagynyň öňüni almaly. Şol sebäpli klawiatura görä hereket etmän, otyryşyňyza görä klawiaturany sazlamaly. Ýagny bilekleriňizi parallel görnüşde saklamak esasynda eliňiziň basýan ýerinde klawiaturany goýmaly. Şeýle hem klawiatura düwmeleri özüňize tarap biraz galyp durmaly.

**Ýeriňden turup aýlanmaly.** Bilermenler iki sagatdan köp bolmadyk aralykda ýeriňden turup, biraz dik duranyňdan soň gaýtadan oturmagy ýa-da 10-15 minut ýöräp, soňra işlemegi maslahat berýärler. Şeýle hem şol aralykda ýaşyl tebigata seretmek arkaly göz maşkyny ýerine ýetirmek hem peýdalydyr. Göz üçin iň gowy maşk 20 sekuntlap gözüňizi eliňiz bilen ýapyp saklap, gaýtadan açmak we ýokary-aşak, gytaklaýyn hereket etdirmekdir.

## ÇAGALAR

**Boýy 13-20 santimetre, agramy 0,5-3 kilograma ýetýän çihuahua dünýäde tohum itiniň iň kiçi görnüşi hasaplanýar.**

(Tymsal)

# Tankyt etmek aňsat...

Uzak ýola ugran eşekli adam garaňky düşendigi sebäpli, kerwensaraýda düşlemeli bolýar. Ol adamlaryň ynsabyna, galyberse-de garaňkylyga bil baglap, eşegini girelgäniň agzyndaky agaja baglap, kerwensaraýa girýär.

Ýarygije, hemmeler uka gidende, bir ogry gelip, ýolagçynyň eşegine münýär-de, ol ýerden garasyny saýlamak bilen bolýar. Eýesi irden oýananda eşeginiň ýokdugyny görüp, çuň gussa batýar. Kerwensaraýdakylar onuň daşyna üýşüp, gürrüňe başlaýarlar:

– Sen nähili samsyklyga ýol beripsiň, heý-de, eşegi derwezäniň agzynda daňarlarmy?! – diýip, olaryň biri dillenipdir.

– Iň bolmanda, ony kösseklap bir goýmaly ekeniň-dä? – diýip, ýene biri üstüni ýetiripdir.

– Uzak ýola eşekde gitmegiň özi hem barypýatan samsyklyk ahyryn – diýip, üçünji biri gaharlanyp gürrüňe goşulypdyr.

– Diňe ýalta, ýöräsi gelmeýänler eşek münýärler – diýip, dördünji bir adam hem içindäkisini aýdypdyr.

Bu aýdylanlara geň galan ýolagçy gahar bilen şeýle diýipdir:

– Dostlar, meniň eşegim-ä ýitirim etdiler, ýöne siz biri-biriňizden kem galman, meniň ýalňyşlygymy, kemçiliklerimi aýtmaga başladyňyz. Iň geň galdyrýan ýerem näme, bilýäňizmi?! Biriňizem eşegimi ogurlana bir sözem aýtmadyňyz.



Eýsem, bu hekaýat bize nämäni öwredýär? Ol bize kimdir biriniň ýalňyşlyklaryny tankytlamagyň we ýazgarmagyň aňsatdygyny ýatladýar. Ýöne näme üçindir adamlar köplenç hakyky günäkäri ýazgarmagy unudýarlar. Şonuň üçin geliň, kimdir birine daş atmazdan ozal, has ünslüräk bolmaga çalşalyň! Ata-babalarymyz aýtmyşlaýyn «Tankyt etmek aňsat, ýerine ýetirmek kyn».

# Stol tennisi – sportuň gyzykly görnüşi

**Soňky ýyllarda ýaşlaryň arasynda stol tennisi ýörgünli sport görnüşleriniň birine öwrüldi. Gyzykly hem-de çekeleşikli geçýän stol tennisini oýnamak üçin merkezinden tor çekilen stol, kiçijik topjagaz we raketka gerek. Oýnuň düzgünine görä, haýsy tarap topy ýere gaçyrsa ýa-da topy tordan geçirip bilmese, şol hem ýeňilýär. Stol tennisi ikileýin (her tarapda bir oýunçy), jübütleýin we garyşyk toparlaryň arasynda geçirilýär. Köp ýurtda «ping-pong» ady bilen tanalýan stol tennisi Olimpiýa sportunyň bir görnüşidir.**



**OÝNUŇ GYSGAÇA TARYHY**

**Stol tennisi ýapyk ýerde oýnalýan sport görnüşi bolup, ilkibaşda Hytaýda ýüze çykýar. Häzirki wagtda Hytaýyň milli sport görnüşi hasaplanýan stol tennisi bilen meşgullanýanlar sanardan köp. 1901-nji ýylda «ping-pong» ady bilen stol tennisiniň enjamlary satylyp başlanýar. Şol döwürler golf topy stoluň üstünde kitap ýa-da gaty kagyzlar bilen urlup oýnalypdyr. Soňlugy bilen stoluň üstünden tor çekilip, ýörite topjagaz we raketka oýlanyp tapylýar. 1902-nji ýylda resmi däl dünýä çempionaty geçirilmezden ozal, köp sanly stol tennisi ýaryşlary guralýar. 1926-njy ýylda Stol tennisi birleşigi döredilýär. Şol ýyl Halkara stol tennisi federasiýasy (ITTF) hem döredilýär. 1996-njy ýylda zenanlaryň arasynda ilkinji gezek stol tennisi boýunça dünýä çempionaty geçirilýär. Oýny köpçülige tanyşdyrmak hem-de oýnuň meşhurlygyny artdyrmak maksady bilen 2015-nji ýylda Bütindünýä stol tennisi güni yglan edilýär.**

**Stol tennisi wagtyňyzy gyzykly geçirmek bilen bir hatarda çagalaryň we ýetginjekleriň sagdyn ösmegi üçin örän peýdalydyr. Sportuň bu görnüşi bilen meşgullanýanlar ünsüni bir ýere jemleýärler, şähdi açylyp, işjeň ýagdaýda bolýarlar, çalt pikirlenýärler, şeýle hem netijeli karara gelýärler. Stol tennisi bilen meşgullanylanda gidip-gelýän topy yzarlamak üçin göz dyngysyz hereket edýär. Bu hereketler göz üçin iň gowy maşk bolup, nerw dartgynlylygyny peseldýär. Çeýeligi talap edýän stol tennisi ulular üçin hem möhümdir.**

## Şekilli sudoku

**Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.**



## Labirint



# Tohum itleriniň iň uly we iň kiçi görnüşi

Öýüň goragçysy, adamyň wepaly dosty hasaplanýan itiň dünýäde 500 töweregi görnüşi bar. Aw awlamak, ýiten zatlary tapmak, gorag ýaly dürli maksatlar üçin peýdalanylýan tohum itleriniň iň uly görnüşi beýik dane diýlip atlandyrylýar. Beýik dane ýuwaş häsiýetli, güýçli, haýbatly görnüşe eýe bolan owadan tohum itidir. Bu itiň boýy 72-80 santimetre, agramy 45-90 kilograma ýetýär. Daniýalylaryň ata-babalary bu itleri uly ýabany haýwanlary awlamak üçin seçip alypdyrlar. Tohum itiniň bu görnüşi 6-10 ýyl aralygynda ýaşaýar. Daniýalylaryň ullakan iti beýleki itlerden eýesine wepalylygy, jemgyýeti we çagalary gowy görýändigi bilen tapawutlanýar.





Çihuahua dünýädäki iň kiçi tohum iti hasaplanýar. Öýde saklamak üçin maslahat berilýän tohum itleriniň iň meşhurlarynyň biri bolan çihuahua IX asyrda seçilip alynýar. Ýewropanyň köp şäherlerinde idedilýän bu tohum itiniň boýy 13-20 santimetre, agramy 0,5-3 kilograma ýetýär. Tohum itiniň ýumşak tüýli bu görnüşiniň tegelek kellesi, uly we dik gulagy, monjuk ýaly gözi bar. Çeýe hem hüşgär bu itler «öýüň jaňjagazy» hasaplanýar.

**Oýnawaçmy ýa-da hakyky?**

Çihuahua daşyndan göräýmäge matadan tikilen ýumşak oýnawaja meňzeýär. Bu itiň naýynjar hereketleri, özüni alyp barşy her bir ynsanda janly-jandarlara bolan söýgini we rehimdarlygy döredýär. Sowuk howa uýgunlaşmaýan, yssyny halaýan bu itleri her gün iki gezek naharlamak ýeterlik. Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabynda dünýäniň iň kiçijik tohum iti diýip hasaba alnan çihuahua adamyň sözlerine düşünmek bilen bir hatarda, buýrulan ýumuşlary ýerine ýetirip bilýär. Eýesine aşa wepaly bolýan çihuahua ýüzmegi gowy görýär. Bulardan başga-da, kiçijik it bilen dürli oýunlary oýnap bolýar. Tohum itiniň bu görnüşi tiz ýadaýar hem-de çalt gahary gelýär. Çagalar üçin iň gowy güýmenjeleriň biri bolan kiçijik it wepalylygy bilen hem tapawutlanýar. Çihuahua goragçy ýa-da sakçy it bolman, öýdeçi itlerdir.

## 7 tapawudy tapyň!



## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



## Gyzykly pursat



## 28-nji SKANWORD



## 29-njy SKANWORD





## Üç ölçegli surat

№ 7



Üç ölçegli suratyň jogaby.

№ 6

## 44-nji KROSSWORD

● **DIKLIGINE:** **1.** Aýdym-saz termini. **2.** Maýmynyň bir görnüşi. **3.** Arhitekturada bir gurluş usul. **4.** Afrikanyň «çüýşe» agajy. **5.** Programma üpjünçilik algoritmi. **6.** Geologiýa termini. **7.** Daşary ýurt gyz ady. **13.** Stoluň üstünde oýnalýan oýun. **14.** Teatrda oýun goýlanda keşpleri ýerine ýetiriji zenan artist. **15.** Aýawly saklamak. **17.** Sagat brendi. **18.** Horwatiýanyň paýtagty. **21.** «Ilim-günüm bolmasa, ..., Günüm dogmasyn» (atalar sözi). **25.** Sasanylar döwrüniň gadymy şäheri. **26.** Nemes şahyry Gotfrid Awgust ... **28.** At-..., sylag-hormata mynasyp. **29.** Owsaryň, uýanyň alkymyndan aýlap berkidilýän ýüp. **31.** Çap etmegiň bir görnüşi. **32.** Bir zady inkär etmek. **33.** Milli basketbol birleşigi. **36.** Batyr, edermen (köne söz). **37.** Gulagy eşitmeýän. **41.** San. **42.** Amerikan aýdymçysy ... Dalla Sign.

● **KESELIGINE:** **1.** «Ýetime-ýesire dözseň, mal berseň, sansyz ... dörär barsaň yzyndan» (Magtymguly Pyragy). **8.** Pişikler maşgalasyna degişli ýyrtyjy jandar. **9.** Harby ýöriş. **10.** Köýtendagda bir şaglawuk. **11.** Deňziň, kölüň gury ýere süsňäp girýän öwrümi. **12.** Italiýanyň taryhy şäheri. **16.** Oglan ady. **19.** Ümlük. **20.** Şertli alamatlar, belgiler bilen aňladylýan birnäçe matematik ululyk. **22.** Bir zada esewan bolmaklyk. **23.** Gyz ady. **24.** Almanyň kiçijik görnüşi. **26.** Ümlük. **27.** Welosipediň bir görnüşi. **30.** Baldagy inçe, telpekläp ösýän, sary gülli dermanlyk ösümlik. **34.** Ýaýylyp kesilen hamyryň içine et, ýumurtga ýa-da gök önümler salnyp gaýnadylyp bişirilýän nahar. **35.** Çap ediş guraly. **38.** «... agzyny ýygyp bolmaz, çelek agzyny – bogup» (nakyl). **39.** «Men ony ... bolany üçin däl-de, sada, dogumly gyz bolany üçin öwýärin» (B.Kerbabaýew). **40.** Eksportyň bir görnüşi. **43.** «Dostuň – ýüzüňe, duşmanyň – ...» (nakyl).

**Agöýli ANNAÝEW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň kafedra müdiri.*

## 45-nji KROSSWORD

● **DIKLIGINE:** **1.** Mikroskop arkaly metallaryň fiziki gurluşyny we böleklerini öwrenýän ugur. **3.** «... kimin suhanwer, sözläp şirin tile gel» (Kemine). **4.** Ýakyn bolmadyk. **5.** Düýp, ast. **6.** Okuw esbaby. **7.** Hal-ahwal. **8.** Otluk sähra. **11.** Kilogramyň müňden bir bölegi. **13.** Rim derejesi. **15.** Gyz ady. **17.** Şweýsar sagat kompaniýasy. **18.** Günorta tarap. **19.** Suwaryş ulgamlary üçin gazylýan uly, giň ýap. **22.** Paragwaýly futbolçy ... Kardoso. **29.** Oýmak ýagdaýy. **30.** «Ula ... ber, kiçä – kelam» (nakyl). **32.** Okuw dersi. **33.** Türkiýäniň deňiz kenary. **35.** Materik. **36.** Türkiýäniň bir şäheri. **38.** Göz, göreç. **39.** «... könelişen garry adam, sen bolsaň ondan hem beter gorkak bolupsyň» (A. Gowşudow). **41.** «... bolmak aňsat, adam bolmak kyn» (atalar sözi). **42.** «Oýun bir, ... iki» (nakyl). **43.** Oglan, mün atyňa, özüňi mübärekläp bir ... diý» («Görogly» eposyndan).

● **KESELIGINE:** **2.** Dermanlyk ösümlik. **9.** Alym, ylymly. **10.** Patyşanyň oturýan ýeri. **12.** Geň täsin. **14.** Rysgal. **16.** Ýyrtyjy jandar. **20.** Daşary ýurt gyz ady. **21.** Sitrus miwe. **23.** Dünýäde iň köp satylýan harytlaryň biri. **24.** Sözlemiň baş agzasy. **25.** Türkana, ýönekeý. **26.** Yza, ynjy. **27.** «Bu dünýä bir düýpsüz derýa, ... eder, bolma biperwaýl» (Magtymguly Pyragy). **28.** Sportuň bir görnüşi. **31.** Gezek, sapar, ýola. **34.** Sergezdan. **37.** Pikir yzygiderliligi. **40.** Dagyň eteginden keseligine, ýagny daga ugurdaş geçýän ýol. **44.** Oglan ady. **45.** Ümsüm, asuda. **46.** Materik. **47.** Tertip-düzgün, kada. **48.** «Gije-gündiz seni diýip gözümden,/ ... ýaşym bady-baran, Seýidi» (Zelili). **49.** Aralamak ýagdaýy. **50.** Çilide bir çöl.

## 43-nji krosswordyň jogaby:

## 27-nji skanwordyň jogaby:



Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

# TRANSFER TÄZELIKLERI

● Soňky 2 möwsümi «Milanda» geçiren serbiýaly hüjümçi Luka Ýowiç mundan soň karýerasyny Gresiýada dowam eder. 27 ýaşyndaky oýunçy erkin agent ýagdaýynda Gresiýanyň AEK topary bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ol afinylylaryň düzüminde 9-njy belgide oýnar. 2013-nji ýylda «Srwena Zwezda» toparynda futbola başlan Ýowiç «Benfika» hem-de «Aýntraht» klublarynda çykyş edeninden soň, 2019-njy ýylda 60 million ýewro «Real Madride» transfer bolupdy. Madridliler bilen 6 ýyllyk şertnama baglaşan Ýowiç ispan toparyna garaşylýan oýny görkezip bilmedi. Ýarym möwsüm «Aýntrahtda» kärendesine oýnan Ýowiç soňky 3 möwsümi «Fiorentina» hem-de «Milan» klublarynda geçirdi. Ol 311 oýunda 86 gezek tapawutlandy. Onuň milli toparda 45 oýunda 11 goly bar.



● Şweýsariýaly ýarymgoragçy Granit Džaka 2 ýyldan soň ýene-de Angliýanyň «Premier Ligasyna» dolandy. Soňky 2 möwsümi «Baýer» toparynda geçiren 32 ýaşyndaky Džaka 8 ýyldan soň «Premier Liga» çykan «Sanderland» topary bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy. Iňlis kluby Džakanyň transferi üçin lewerkuzenlilere goşmaçalar bilen 20 million ýewro berer. Karýerasyna «Bazelde» başlan Džaka «Borussiýa M», «Arsenal» toparlarynda oýnady. Džaka Şweýsariýanyň ýygyndysynda 137 duşuşykda 14 gezek tapawutlandy.



● Angliýanyň «Tottenham» topary «Bawariýadan» portugaliýaly ýarymgoragçy Žoao Palinýany düzümine goşdy. Londonlylar 30 ýaşyndaky oýunçy bilen 1 ýyllyk kärendesine şertnama baglaşdy. Iňlis kluby kärende tölegi hökmünde-de 5 million ýewrony nemes toparyna berer. Möwsümiň ahyrynda bolsa «Tottenham» Palinýany 25+5 million ýewro berip, ymykly düzümine geçirip biler. Geçen tomusda Londonyň başga bir topary «Fulhamdan» 51 million ýewro «Bawariýa» transfer bolan Palinýa münhenlileriň düzüminde 25 oýunda meýdança çykdy.



● Braziliýaly meşhur goragçy Dawid Luiz ýene-de Ýewropa dolandy. 38 ýaşyndaky oýunçy Kipriň «Pafos» topary bilen erkin agent ýagdaýynda 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. 2006-njy ýylda ýurdunyň «Witoriýa» toparynda futbola başlan Dawid Luiz «Benfika» (2007–11), «Çelsi» (2011–14), PSŽ (2014–16), ýene-de «Çelsi» (2016–19), «Arsenal» (2019–21), «Flamengo» (2021–24) hem-de «Fortaleza» (2025) klublarynyň köýnekçelerini geýdi. Ol klublarda 744 duşuşykda 42 goly derwezä girizip, Braziliýanyň ýygyndysynda-da 57 duşuşyk geçirdi.



● Soňky ýyllarda transfer möwsümleriniň iň işjeň topary ýene bir ýaş oýunçysyny uzak möhletli şertnama bilen düzümine goşdy. London şäheriniň wekili Niderlandlaryň «Aýaks» toparynyň goragçysy Ýorrel Hatony 43 million ýewro transfer etdi. «Çelsi» topary 19 ýaşyndaky çep gyrada hem-de merkezi goragda oýnap bilýän Hato bilen 2032-nji ýyla çenli şertnama baglaşdy. «Aýaksyň» ýaşlar düzüminde futbola başlan niderland goragçy amsterdamlylaryň hatarynda 111 oýunda 4 gol geçirdi.



● Türkiýäniň «Istanbul Başakşehir» topary Eldor Şomurodowdan soň özbegistanly ýene bir futbolçyny düzümine goşdy. Stambul şäheriniň wekili Russiýanyň SSKA toparyndan Abbosbek Faýzullaýewi 7,5 million ýewro transfer etdi. 21 ýaşyndaky ýarymgoragçy türk kluby bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. 2021-nji ýylda «Pahtakorda» futbola başlan Faýzullaýew 2023-nji ýylda Moskwanyň SSKA-synyň düzümine goşuldy. Ol bu klubda 2 möwsümde 72 oýunda 8 gol geçirdi. Faýzullaýew Özbegistanyň milli ýygyndysynda 25 duşuşykda meýdança çykyp, şol duşuşyklarda 8 pökgini öz adyna ýazdyrdy.



● Fransiýanyň «Marsel» topary gabonly 36 ýaşyndaky hüjümçi Pier-Emerik Obameýang bilen erkin agent ýagdaýda 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Geçen möwsümi Saud Arabystanynyň «Al-Kadsia» toparynda geçiren Obameýang 2023/24 möwsüminde-de «Marselde» oýnapdy. «Milanda» futbola başlasa-da, bu klubda 1 resmi duşuşyk hem geçirmedik Obameýang «Dižon», «Lill», «Monako» klublarynda kärendesine çykyş etdi. «Sent-Etien», «Borussiýa Dortmund», «Arsenal», «Barselona», «Çelsi», «Marsel», «Al-Kadsia» klublarynyň köýnekçesini geýen ýyldyz oýunçy klublarda 694 duşuşykda 355 goly öz adyna ýazdyrdy. Obameýang Gabonyň ýygyndysynda 81 duşuşykda 35 gezek tapawutlandy.




● Fransiýanyň «Marsel» topary Obameýangdan soň «Feýenoord» toparyndan braziliýaly hüjümçi Igor Paişaony hem düzümine goşdy. Fransuz kluby 25 ýaşyndaky oýunçy bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşyp, transfer tölegi hökmünde 30+5 million ýewrony niderland toparyna berer. Braziliýanyň «Koritiba» hem-de «Londrina» klublarynda oýnan Paişao «Feýenoordda» 3 möwsümde 129 oýunda 39 gol geçirdi. Ol «Marselde» 14-nji belgide oýnar.




● Horwatiýaly belli oýunçy Ante Rebiç 12 ýyldan soň öz ýurduna dolandy. 31 ýaşyndaky winger Horwatiýanyň meşhur topary «Haýduk Split» bilen erkin agent ýagdaýda 1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Tejribeli oýunçy karýerasyna Split şäheriniň beýleki topary RNK-de başlap, soňlugy bilen «Fiorentina», «Leipsig», «Werona», «Aýntraht», «Milan», «Beşiktaş» hem-de geçen möwsümde «Leçęe» klublarynda çykyş etdi. Rebiç klublarda 368 oýunda 78 gezek tapawutlandy.




● Italiýanyň «Milan» topary tomsuň başyndan bäri düzümine goşmak üçin tagalla baryny eden futbolçysy Ardon Jaşarini transfer etdi. «Milan» kluby 23 ýaşyndaky şweýsariýaly ýarymgoragçy üçin Belgiýanyň «Klub Brýugge» toparyna 38 million ýewro berer. Italýan kluby onuň bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Jaşari «Klub Brýuggeden» öň ýurdunyň «Lusern» toparynda oýnapdy.




## 5 duşuşykda myhmanlar ýeňiş gazandy

**UEFA Çempionlar Ligasynda 3-nji saýlama tapgyryň 1-nji duşuşyklary geçirildi. 2 oýun golsuz tamamlanyp, 5 duşuşykda myhmanlar ýeňiş gazandy.**

Kiýewiň «Dinamosy» Polşada Kipriň «Pafos» topary bilen duşuşyp, 1–0 hasabynda asgyn geldi. Duşuşykdaky ýeke-täk goly 84-nji minutda Anderson geçirdi. Demirgazyk Makedoniýanyň «Şkendiýa» topary bilen Azerbaýjanyň «Garabag» toparynyň arasyndaky oýunda-da şeýle netije hasaba alnyp, Hazarýaka ýurduň çempiony Baýramowyň 18-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren goly esasynda ýeňiş bilen dolandy. Gazagystanyň «Kairat» topary Satpaýewiň 90-njy minutda 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren ýeke-täk goly bilen «Slowan Bratislawany» 1–0 hasabynda utdy. Serbiýanyň çempiony «Srwena Zwezda» topary Polşanyň çempiony «Leh Poznany» myhmançylykda Rade Kruniçiň (9, 51) hem-de



Duarteniň (73) gollary esasynda 3–1 hasabynda ýeňip, pleý-off tapgyryna çykmak üçin uly mümkinçilik gazandy.

Çempion däl toparlaryň arasynda Şotlandiýanyň «Reýnjers» topary öz meýdançasynda çehleriň «Wiktoriýa Plzen» toparyny 3–0 hasabynda ýeňip, indiki tapgyryň bosagasyndan ilkinji ädimi ätdi. Şotland klubuna ýeňiş getiren gollary Gassama (15, 51) bilen Dessers (45 p) derwezä girizdi. Fransiýada «Benfika» topary ýerli «Nissa» toparyny Iwanowiç (53) hem-de Florentinonyň (88) gollary bilen 2-0 hasa-



bynda utdy. Rotterdamda «Feýenoord» topary Türkiýäniň «Fenerbahçe» toparyny kabul edip, oýnuň ahyrlarynda ýeňiş gazanmagy başardy (2–1; Timber 19, Hadj Mussa 90+1 — Amrabat 86). «Klub Brýugge» bolsa myhmançylykda «RB Salsburgy» Wermantyň 75-nji minutdaky ýeke-täk goly esasynda ýeňlişe sezewar etdi.

Jogap duşuşyklary 12-nji awgustda geçiriler.

***3-nji saýlama tapgyryň 1-nji duşuşyklarynyň netijeleri:***

**Çempion toparlar:** Malmö (Şwesiýa) — Kopengagen (Daniýa): 0–0, Dinamo Kiýew (Ukraina) — Pafos (Kipr): 0–1, Şkendiýa (D. Makedoniýa) — Garabag (Azerbaýjan): 0–1, Kairat (Gazagystan) — Slowan Bratislawa (Slowakiýa): 1–0, Leh Poznan (Polşa) — Srwena Zwezda (Serbiýa): 1–3, Ludogores Razgrad (Bolgariýa) — Ferenswaroş (Wengriýa): 0–0

**Çempion däl toparlar:** Reýnjers (Şotlandiýa) — Wiktoriýa Plzen (Çehiýa): 3–0, RB Salsburg (Awstriýa) — Klub Brýugge (Belgiýa): 0–1, Nissa (Fransiýa) — Benfika (Portugaliýa): 0–2, Feýenoord (Niderlandlar) — Fenerbahçe (Türkiýe): 2–1

***Pleý-off tapgyrynyň bijeleri (19-20-nji we 26-27-nji awgust):***

Ludogores Razgrad/Ferenswaroş — Şkendiýa/Garabag, Leh Poznan/Srwena Zwezda — Dinamo Kiýew/Pafos, Bude-Glimt (Norwegiýa) — Şturm Gras (Awstriýa), Seltik (Şotlandiýa) — Kairat/Slowan Bratislawa, Bazel (Şweýsariýa) — Malmö/Kopengagen, Nissa/Benfika — Feýenoord/Fenerbahçe, Reýnjers/Wiktoriýa Plzen — RB Salsburg/Klub Brýugge



## ÝENE-DE HYTAÝLY TÜRGENLER ÖŇE SAÝLANDY

**Suw sportlary boýunça Singapurda geçirilen 22-nji Dünýä çempionaty tamamlandy. Çempionatyň medal sanawynda bassyr 3-nji, soňky 7 ýaryşda 5-nji gezek hytaýlylar 1-nji orny eýelediler. Olar 15 altyn, 12 kümüş, 10 bürünç, jemi 37 medal gazandylar. Awstraliýa 2-nji (13-7-8), ABŞ 3-nji (10-11-11) orny eýeledi.**

Suwa bökmek ýaryşlarynda hemişe bolşy ýaly hytaýly türgenler ýene bir ýola öňdeligi eýeledi. Ozalky ýyllara garanyňda, garşydaşlaryna köp altyn medal aldyran hytaýly ýüzüjiler 13 altyn medalyň 9-syny gazandylar. Awstraliýalylar 2, Meksikadyr Italiýa 1 altyn medal gazandy.

Erkekleriň arasynda 1 metr beýiklikdäki platformadan bökmekde hytaýly Çžen Žiuýuan altyn, meksikaly Osmar Olwera kümüş, hytaýly Ýan Siýu bürünç medal gazandy. 3 metrden bökmek meksikaly Osmar Olwera ilkinji gezek dünýäniň çempiony boldy. Ol çempionaty 3-si kümüş 4 medal bilen tamamlady. 10 metrden bökmekde awstraliýaly Kassiel Russeu 2-nji altyn medalyny gazandy. Sinhronlaýyn 3 metrden bökmekde hytaýlylar öňe saýlanyp, Wan Szunýuan Dünýä çempionatlaryndaky 9-njy altyn medalyny boýnuna dakdy.

Zenanlaryň arasyndaky 5 altyn medalyň 4-sini hytaýlylar gazanyp, Çen Iwen ýekeleýin 3 metr hem-de sinhronlaýyn 3 metr ýaryşlarynda münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy. Çen Ýuýsi ýekeleýin 10 metr bäsleşiginde hem-de Çžen Minžie bilen bilelikde sinhronlaýyn 10 metr ýaryşynda altyn medala mynasyp boldy. Çen Iwen bilen Çen Ýuýsi ikisiniň Dünýä çempionatlaryndaky altyn medallarynyň sany aýratynlykda 9-a ýetdi. 1 metr beýiklikdäki platformadan bökmekde awstraliýaly Meddison Kiý 2017-nji ýyldan soň 2-nji altyn medalyny gazandy. Hytaýly gyzlar bassyr 2-nji gezek altyn medaly gazanyp bilmediler. Geçen ýylky çempionatda-da awstraliýaly başga bir ýüzüji Alişa Koloi ýeňiş gazanypdy. 1 we 3 metr ýaryşlarynda italiýaly Kiara Pellakani bürünç medala mynasyp boldy.

Italýanlaryň gazanan ýeke-täk altyn medaly garyşyk jübütleýin 3 metr bäsleşigi bolup, Kiara Pellakani bilen Matteo Santoro ikisi münberiň iň ýokary basgançagyna çykdylar. Olar bu ugurda awstraliýaly altyn medally Meddison Kini bilen Kassiel Rosseudan hem-de hytaýly Çžen Zilon we Li Ýažieden öňe saýlandylar. Toparlaýyn ýaryşlarda beýleki 2 altyn medaly-da hytaýlylar gazanmagy başardylar.




### 14 ýyllyk rekordy täzeledi

Ýüzmek ýaryşlarynda 3 dünýä rekordy, şol sanda çempionatyň 12 sany rekordy täzelendi. Medal sanawynda amerikalylaryň gazanan 9 altyn medaly olaryň umumy sanawda hytaýlylardan öňe geçmegi üçin ýeterlik bolmady. Erkekleriň arasynda erkin usulda ýüzmekde awstraliýaly Kameron MakEwoý (50 metr), rumyniýaly Dawid Popowiç (100, 200 m), germaniýaly Lukas Martens (400 m), tunisli Ahmed Jauadi (800, 1500 m), arkanlaýyn ýüzmekde Bitarap türgenler toparyndan russiýaly Kliment Kolesnikow (50 m), Günorta afrikaly Piter Koetse (100 m), wengriýaly Hubert Kos (200 m), bras usulda ýüzmekde italiýaly Simeone Çerasuolo (50 m), hytaýly Sin Haýýan (100, 200 m) hem-de kebelekleýin ýüzmekde fransiýaly Maksim Grusse (50, 100 m), amerikaly Luka Urlando (200 m), garyşyk ýüzmekde fransiýaly Olimpiýa çempiony Leon Marşan (200, 400 m) çempionlyk gazandy. Fransiýaly ýüzüji, Pariž 2024-iň ýyldyzy 200 metr garyşyk ýüzmek ýaryşynyň ýarym finalynda 14 ýyllyk rekordy täzeledi. Ol bellenen aralygy 1 minut 52,69 sekuntda geçmegi başardy. Bu ugurda ozalky rekord amerikaly Raýan Lohte degişlidi. Ol 2011-nji ýylda 1 minut 54 sekuntda ýaryşy tamamlapdy.

Toparlaýyn 4×100 metr erkin ýüzmekde awstraliýalylar çempionatyň rekordy bilen çempion bolmagy başardylar. 4×200 metr erkin ýüzmekde britanlar öňe saýlansa, 4×100 metr garyşyk ýüzmekde Bitarap türgenler topary, ýagny Russiýanyň ýygyndysy ýeňiji boldy.

Zenanlaryň arasynda 18 ýaşyndaky kanadaly Sammer Makintoş öňe saýlanyp, ol 4 altyn hem-de 1 bürünç medal gazanmagyň hötdesinden geldi we çempionatyň ýyldyzy boldy. Awstraliýaly Molli O'Kallahan çempionaty 2-si toparlaýyn ýaryşda 3 altyn hem-de 2 kümüş, şol sanda amerikaly Regan Smit 1 altyn, 4 (3-si arkanlaýyn ýüzmekde) kümüş, jemi 5 medal bilen tamamladylar.

Erkin ýüzmekde awstraliýaly Meg Harris (50 m), niderlandlarly Marrit Steenbergen (100 m), awstraliýaly Molli O'Kallahan (200 m), kanadaly Sammer Makintoş (400 m), amerikaly Keýti Ledeki (800, 1500 m), arkanlaýyn ýüzmekde amerikaly Katerine Berkoff (50 m), iki görnüşde-de çempionatyň rekordyny täzelän awstraliýaly Kaýli MakKeown (100, 200 m), bras usulda litwaly Ruta Meilutete (50 m), germaniýaly Anna Elendt (100 m), amerikaly Keýt Daglass (200 m), kebelekleýin usulda amerikaly Gretçen Wolş (50, 100 m), kanadaly Sammer Makintoş (200 m) ýeňiş gazandy. Kanadaly ýüzüji Makintoş garyşyk ýüzmek boýunça 200 we 400 metr ýaryşlarynda gowşurylýan 2 altyn medaly-da gazanmagy başardy. Toparlaýyn 4×100 hem-de 4×200 metr erkin ýüzmek ýaryşlarynda awstraliýaly zenanlara taý tapylmady. Toparlaýyn 4×100 metr garyşyk ýüzmekde bolsa amerikaly zenan ýüzüjiler çempionlyklarynyň üstüni dünýä rekordy bilen ýetirdiler.



Garyşyk toparlaýyn 4×100 metr erkin ýüzmekde-de amerikaly ýüzüjiler dünýä rekordyny täzeläp çempionlyk gazandylar. 4×100 metr garyşyk ýüzmekde russiýaly türgenler çempionatyň rekordyny goýup, çempion bolmagy başardylar.



## «McLaren» toparynyň sürüjileri gezekleşip ýeňiş gazanýarlar

Formula 1 boýunça möwsümiň 14-nji ýaryşy Wengriýanyň paýtagty Budapeştiň golaýyndaky «Hungaroring» trassasynda geçirildi. 70 aýlawdan ybarat bolan ýaryşda «McLaren» toparynyň sürüjileri öňdäki 2 orny eýelediler. Bu olaryň bassyr 4-nji, şu möwsümdäki 7-nji goşa ýeňşidir.

Ýaryşy 1 sagat 35 minut 21,231 sekuntda tamamlan britaniýaly Lando Norris ýeňiji boldy. Bu onuň şu möwsümdäki 5-nji ýeňşi bolup, ol soňky 4 ýaryşda 3-nji gezek 1-nji ýeri eýeledi. Topardaşyndan 0,698 sekunt yza galan awstraliýaly Oskar Piastri 2-nji orna mynasyp boldy.

«Mercedes» toparynyň britan sürüjisi Jorj Rassell ýeňijiden 21,916 sekunt soň pellehana gelip, şu möwsümde 4-nji gezek 3-nji orny eýeledi. Ýaryşa ilkinji hatardan başlan «Ferrari» toparynyň monakoly sürüjisi Şarl Lekler soňky aýlawlarda ýeňiş münberine çykmak mümkinçiligini elden giderip, 4-nji orun bilen oňňut etmeli boldy. «Aston Martin» toparynyň ispan sürüjisi Fernando Alonsonyň 5-nji ýeri eýelän ýaryşynda häzirki çempion, «Red Bull» toparynyň niderland piloty Maks Werstappen ýaryşy 9-njy bolup tamamlady.

Geçirilen 14-nji ýaryşdan soň «McLaren» toparynyň sürüjileri arany açmagyny dowam edýär. Piastriniň 284, Norrisiň 275 utugy bolup, olar 1-2-nji ýerleri paýlaşýarlar. Kem-kemden çempionlykdan daşlaşýan Werstappen 187 utuk bilen 3-nji ýerde barýar. 4-nji ýerdäki Rasselliň 172, 5-nji basgançakdaky Lekleriň 151 utugy bar.

F1-de indiki ýaryş 4 hepdelik arakesmeden soň 31-nji awgustda Niderlandlaryň Zandwoort şäherinde geçiriler.



## Polşanyň 2-nji çempionlygy

Woleýbol boýunça erkekleriň arasynda geçirilen FIVB Milletler Ligasynda Polşanyň ýygyndysy ýeňiji boldy. Ýaryşyň final tapgyry Hytaýyň Ninbo şäherinde geçirildi. Çärýek finalda Italiýa Kubany, Braziliýa ýer eýeleri Hytaýy, Sloweniýa Fransiýany 3:1, Polşa bolsa Ýaponiýany 3:0 hasabynda ýeňdi.

Ýarym finalda Italiýanyň ýygyndysy Sloweniýadan 3:1, Polşa bolsa Braziliýadan 3:0 hasabynda üstün çykdy. Polşa bilen Italiýanyň ýygyndylarynyň arasyndaky final duşuşygynyň 1-nji seti çekeleşikli geçse-de, soňky 2 setde polýaklara ýeňiş gazanmak kyn düşmedi. Netijede, 3:0 (25:22, 25:19, 25:14) hasabynda ýeňiş gazanan Polşanyň ýygyndysy 2023-nji ýyldan soň 2-nji gezek Milletler Ligasynyň çempiony boldy. Italýanlara bolsa ilkinji finalynda kubok gazanmak miýesser etmedi.

Bürünç medal ugrundaky oýunda Braziliýanyň ýygyndysy Sloweniýanyň milli toparyny 3:1 hasabynda ýeňip, ilkinji gezek 3-nji orny eýeledi.

Ýaryşyň iň ökde oýunçysy diýlip, polşaly Ýakub Koçanowski saýlandy.

Erkekleriň arasyndaky ýaryşda-da edil zenanlaryň arasyndaky bäsleşikdäki ýaly medal alan ýygyndylar birmeňzeş bolup, diňe olaryň medallarynyň görnüşi üýtgedi. Zenanlaryň arasynda Italiýa altyn, Braziliýa kümüş, Polşa bürünç medala mynasyp bolupdy.



Milletler Ligasy erkekleriň arasynda 7-nji gezek geçirildi. 2018-2019-njy ýyllarda Russiýanyň ýygyndysy çempion bolupdy. 2021-nji ýylda Braziliýanyň ýygyndysy bolsa, soňky 4 ýylda Fransiýa (2022, 2024) bilen Polşanyň (2023, 2025) ýygyndylary gezekleşip 2 sapar çempion diýen ady eýelediler.

## «Toyota»-lylara taý tapylmady

Dünýä Ralli çempionatynda (WRC) möwsümiň 9-njy ýaryşy Finlýandiýada geçirildi. Ýurduň Ýýuwýaskýulýa şäherinde geçirilen 307,22 kilometrlik 20 tapgyrly ýaryşda ýer eýesi, «Toyota Gazoo» toparynyň fin piloty Kalle Rowanpera ýeňiji boldy. Ol ýaryşy 2 sagat 21 minut 51,4 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 2-nji, karýerasyndaky 17-nji ýeňşini gazandy. Ýaryşda ýeňijiniň topardaşy, ýaponiýaly sürüji Takamoto Katsuta 2-nji orny eýeledi. Ol ýeňijiden 39,2 sekunt yza galdy. «Toyota Gazoo» toparynyň fransuz sürüjisi Sebastien Ožie ýeňiş gazanan topardaşyndan 45,1 sekunt gijä galyp, 3-nji orna mynasyp boldy.

«Toyota Gazoo» toparynyň çempionlyga dalaş edýän sürüjilerinden britaniýaly Elfin Ewansyň 4-nji bolan ýaryşynda toparyň başga bir piloty Sami Pajari 5-nji ýeri eýeledi. Bu ýaryşa çenli sanawyň lideri bolan estoniýaly Ott Tanak («Hyundai Shell Mobis») bäsleşigi 10-njy orunda tamamlady.



Geçirilen 9-njy bäsleşikden soň sanawyň lideri üýtgäp, Elfin Ewans birinjilige gaýdyp geldi. Onuň 176 utugy bar. Ondan 3 utugy az Kalle Rowanpera 2-nji orna beýgeldi. 163 utukly Sebastien Ožie bilen Ott Tanak 3-4-nji ýerleri paýlaşýarlar.

Möwsümiň 10-njy ýaryşy 28–31-nji awgust aralygynda Paragwaýda geçiriler.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.










# Çempionlyga 3 topary dalaşgär 3 çempionat

**Şu gije täze möwsümlerine badalga beriljek 3 çempionatda-da çempionlygyň esasy dalaşgärleriniň sany 3-den köp däl. Ýagny Portugaliýada «Benfika», «Porto», «Sporting», Niderlandlarda «Aýaks», PSW, «Feýenoord», Türkiýede «Galatasaraý», «Fenerbahçe», «Beşiktaş» toparlary ähli möwsümde diýen ýaly çempionlyga ymtylýan esasy toparlardyr. Olaryň hataryna Portugaliýada «Braga», Niderlandlarda AZ bilen «Twente», Türkiýede «Trabzonspor», «Istanbul Başakşehir» ýaly klublar käbir döwürlerde 4-nji dalaşgär bolup goşulyp bilýär.**

### «Primeira Ligaň» 92-nji möwsümi

Portugaliýanyň çempionaty «Primeira Liganyň» 92-nji möwsümine şu gijeki «Kaza Pia» bilen soňky çempion «Sportingiň» arasyndaky duşuşyk bilen badalga berler. Ýewropada öňdäki 10-luga girýän çempionatlaryň biri bolan Portugaliýanyň ligasynda çempionat esaslandyrylanyndan bäri esasy 3 topar – Lissabonyň



«Sporting» hem-de «Benfika» klublary, şol sanda «Porto» topary çempionlygyň esasy dalaşgärleri hasaplanýar.

Çempionatda 18 klub bolup, olaryň 4-sinden galanynyň tälimçisi ýerli hünärmenlerdir. Italiýaly Françesko Farioli («Porto»), gresiýaly Sotris Silaidulos («Rio Awe»), ispaniýaly Karlos Wisens («Braga»), şotlandiýaly Iýn Katro («Eştoril») daşary ýurtly tälimçilerdir.

18 klubuň 6-sy — «Alwerka», «Eştoril», «Eştrela», «Benfika», «Kaza Pia», «Sporting» toparlary Lissabon okrugyna degişli bolup, olaryň soňky 3-si paýtagt şäheriniň wekilleridir. 5 klub – «Braga», «Famalikao», «Žil Wisente», «Moreirense», «Witoriýa» toparlary Braga okrugynyň, 3 klub – «Porto», AWS, «Rio Awe» toparlary-da Porto okrugynyň adyndan çykyş ederler.

«Farense» bilen federasiýa tarapyndan aşaky liga düşürilen «Boawişta» klublarynyň ornuna «Tondela» bilen «Alwerka» ýokary liga çykdy.

**SPORTING.** Soňky çempion «Sportingiň» iň esasy ýitgisi ýyldyz hüjümçisi Wiktor Gýokereş bolup, ol «Arsenal» toparynyň düzümine goşuldy. Topar ýene bir oýunçysyny, Dario Essugony hem «Çelsi» klubuna ugratdy. Soňky 2 ýylyň çempiony düzümine Luis Suares, Koçoraşwili, Santos, Rui Silwa ýaly oýunçylary goşdy. Rui Boržeşiň tälimçiligindäki topar bassyr 3-nji, umumylykda 22-nji çempionlygy üçin göreşer.

**BENFIKA.** Yzly-yzyna 2 möwsümde çempionaty «Sportingden» soň 2-nji orunda tamamlan «Benfika» toparynyň Di Mariýa, Aktürkoglu, Kökçü, Karreras, Kabral ýaly oýunçylary başga klublara transfer boldy. Olaryň öwezine Samuel Dal, Obrador, Dediç, Barreneçea, Rio, Iwanowiç ýaly oýunçylary transfer eden paýtagtlylar çempionlygy bu gezek aldyrmazlyk üçin göreşerler. Bruma, Pawlidis, Otamendi ýaly oýunçylaryna bil baglaýan Bruno Lageniň şägirtleri Çempionlar Ligasyna-da gatnaşmagy maksat edinýärler.

**PORTO.** Soňky 2 möwsümde esasy bäsdeşlerinden yza galan «Porto» klubunda toparyň tälimçiligi italiýaly ýaş hünärmen Françesko Fariolä ynanyldy. Gonsalu Boržeş, Otawio, Žoao Mario, Konseýsau ýaly oýunçylaryny topardan ugradan klub 3 möwsümden bäri çempionlyk gazanyp bilenok. Topar dowam edýän transfer möwsüminde Weiga, Saýns, Froholdt, Koşta, Bednarek, Luuk de Ýong ýaly oýunçylary düzümine goşdy.

### «Eredivisie»-niň 70-nji möwsümi

Niderlandlaryň çempionaty «Eredivisie»-de täze 70-nji möwsüm şu gijeki «Fortuna» – «Gou Ehed Iglz» duşuşygy bilen badalga alar. Täze möwsümde hem çempionlygyň iň esasy dalaş-




gäri PSW bilen «Aýaks» toparlary hasaplanýar. Geçen möwsümde «Aýaks» topary çempionlygy soňky tapgyrlarda dramatiki ýagdaýda elden gideripdi.

Çempionatda 18 klubuň 2-sinden galanyna niderland tälimçiler tälim berýärler. Beýleki 2 tälimçi hem Niderlandlaryň goňşusy Belgiýadan gelen tälimçiler bolup, olar Maarten Martens (AZ) bilen Karl Hofkensdir («NAK Breda»).

18 klubuň 4-si Owereýsell, 4-si Demirgazyk Gollandiýa sebitiniň klublarydyr. Paýtagt Amsterdamdan diňe «Aýaks» wekilçilik edip, täze möwsümde Rotterdam şäheriniň 3 topary çykyş eder. «Willem II», «Almere Siti», «Walweýk» toparlary geçen möwsümiň ahyrynda aşaky liga («Eerste Divisie») düşen toparlar bolupdy.

«Wolendam» bilen «Ekselsior» toparlary 1, «Telstar» topary bolsa 47 ýyldan soň ýokary liga gaýdyp geldi.

**PSW.** Eýndhowen şäheriniň kluby 2 möwsümden bäri çempion bolup gelýär. Peter Boşuň tälimçiligindäki klub bassyr 3-nji, umumylykda-da 27-nji çempionlygyny gazanyp, «Aýaksa» ýene bir ädim golaýlamak isleýär. Malik Tillman, Ýohan Bakaýoko, Noa Lang, Luuk de Ýong ýaly toparyň esasy oýunçylaryny topardan ugradan klubuň düzümine Ruben wan Bommel, Sildillia, Plea, Gasirowski ýaly oýunçylar goşuldy.

**AÝAKS.** Yzly-yzyna gazanylan 3 çempionlykdan soň 3 möwsüm arakesme beren amsterdamlylar täze möwsümde şol arakesmäniň uzamazlygy üçin tagalla baryny ederler. Transferde bellärlik oýunçy almadyk topar klubdan ugradan oýunçylaryndan 60 million ýewrodan gowrak girdeji gazandy.

**FEÝENOORD.** Soňky çärýek asyrda 2 gezek altyn medal gazanan «Feýenoord» toparyna ozalky ýyldyz oýunçy Robin Wan Persi tälim berýär. Esasy düzümden Paişao, Hansko, Milambo ýaly oýunçylaryny transfere ugradan rotterdamlylar Boržeş, Watanabe, Tengstedt dagyny transfer etdi.

### «Süper Ligiň» 68-nji möwsümi

Türkiýäniň çempionaty «Trendyol Süper Ligiň» täze 68-nji möwsümi şu gijeki «Gaziantep» – «Galatasaraý» duşuşygy bilen başlanar. 18 klubuň çykyş edýän çempionatynda toparlar dowam edýän transfer möwsüminde işjeň hereket edýärler. 18 klubuň 7-si Stambul şäherine degişli toparlardyr. 6 topar geçen möwsümdäki tälimçilerini çalyşdy. 18 klubuň 10-syny ýerli, 8-sini daşary ýurtly tälimçiler türgenleşdirýär. Dünýäniň iň köp tälimçi çalşyrylýan çempionatlarynyň biri bolan «Süper Ligde» klublar täze möwsüme Portugaliýadan hem-de Germaniýadan 2, Gruziýadyr Bolgariýadan, Çehiýadan hem-de Norwegiýadan 1 tälimçi bilen başlarlar.




Geçen möwsüm 19 klubuň çykyş eden çempionatynda «Adana Demirspor», «Siwasspor», «Bodrum» hem-de «Hataýspor» klublary aşaky liga düşüp, olaryň ornuna 16 ýyldan soň ýokary liga çykan «Kojaelispor», şeýle-de «Gençlerbirligi» hem-de «Fatih Karagümrük» toparlary «Süper Ligde» çykyş ederler.

**GALATASARAÝ.** Yzly-yzyna 3-nji, umumylykda 25-nji çempionlygyny gazanyp, 5-nji ýyldyzyň eýesi bolan «Galatasaraý» täze möwsümde-de çempionlygyň iň esasy dalaşgäri hasaplanýar. Okan Burugyň tälimçiligindäki klub düzümine Leroý Saneni, şol sanda geçen möwsümde kärendesine çykyş eden Osimheni ymykly transfer etdi. Toparyň 13 ýyllyk derwezeçisi Fernando Muslera, şol sanda Mertens klubdan giden esasy oýunçylar boldy. Tälimçi Okan Burugyň iň esasy maksady bassyr 4-nji çempionlygy gazanyp, Fatih Terimiň rekordyna şärik bolmak.

**FENERBAHÇE.** 10 ýyldan bäri çempionlygy ýatdan çykaran «Fenerbahçe» toparyna meşhur hünärmen Žoze Mourinio tälim berýär. Klubdan Jeko, Tadiç, Kostiç, Zaýç ýaly oýunçylar başga klublara transfer boldy. Jon Duran, Arçi Brawn, Nelson Semedo ýaly oýunçylary düzümine goşan «Fenerbahçe» topary ýeňişsiz geçen 10 ýylyň ahmyryny çykarmak üçin elde baryny gaýgyrman göreşer.

**BEŞIKTAŞ.** Soňky ýyllarda «Galatasaraý» hem-de «Fenerbahçe» toparlaryndan juda yza galan «Beşiktaş» Abraham hem-de Orkun Kökçüni düzümine goşdy. Solskaýeriň tälimçiligindäki klub Ýewropa Ligasynda saýlama tapgyry geçip bilmedi. Topar bu möwsümde-de çempionlygyň 3-nji dalaşgäri hasaplanýar.

**BEÝLEKILER.** Ýurduň 4-nji uly topary diýlip görkezilýän «Trabzonspor», şol sanda «Samsunspor», özbegistanly Şomurodowy hem-de Faýzullaýewy düzümine goşan «Istanbul Başakşehir» toparlary öňdäki orunlar üçin göreşjek beýleki klublar bolar.

**Portugaliýanyň çempionaty – «Primiera Liga»**

| KLUBLAR | ŞÄHERI | STADIONY – TOMAŞAÇY | TÄLIMÇISI |
|---|---|---|---|
| Alwerka | Alwerca-du-Ribatežu | Complexo Desportivo FC Alverca – 7 705 | Kustodio Kastro |
| Aroka | Aroka | Estadio Municipal de Arouca – 5 600 | Wasko Seabra |
| AWS | Wila-daş-Awiş | Estadio do CD Aves – 6 230 | Žoze Mota |
| Benfika | Lissabon | Estadio da Luz – 68 100 | Bruno Lage |
| Braga | Braga | Estadio Municipal de Braga – 30 286 | Karlos Wisens (Ispaniýa) |
| Kaza Pia | Lissabon | Estadio Municipal de Rio Maior – 7 000 | Žoao Pereira |
| Eştoril | Eştoril | Estadio Antonio Coimbra da Mota – 5 094 | Iýn Katro (Şotlandiýa) |
| Eştrela | Amadora | Estadio Jose Gomes – 9 288 | Žoze Augusto Fariýa |
| Famalikao | Wila-Nowa-de-Famalikao | Estádio Municipal 22 de Junho – 5 186 | Hugo Oliweira |
| Žil Wisente | Barseluş | Estadio Cidade de Barcelos – 12 046 | Sezar Peişoto |
| Moreirense | Moreira-de-Koneguş | Estadio Parque Moreira de Conegos – 6 150 | Wasko Botelo da Kosta |
| Nasional | Funşal | Estadio da Madeira – 5 200 | Tiago Margarido |
| Porto | Porto | Estadio do Dragao – 50 033 | Françesko Farioli (Italiýa) |
| Rio Awe | Wila-du-Kondi | Estadio dos Arcos – 5 300 | Sotris Silaidulos (Gresiýa) |
| Santa-Klara | Ponta-Delgada | Estadio de Sao Miguel – 12 500 | Wasko Matos |
| Sporting | Lissabon | Estadio Jose Alvalade – 50 095 | Rui Boržeş |
| Tondela | Tondela | Estadio Joao Cardoso – 5 000 | Luis Pinto |
| Witoriýa | Gimaraýnş | Estadio D. Afonso Henriques – 30 029 | Luis Freire |

**Niderlandlaryň çempionaty – «Eredivisie»**

| KLUBLAR | ŞÄHERI | STADIONY – TOMAŞAÇY | TÄLIMÇISI |
|---|---|---|---|
| Aýaks | Amsterdam | Johan Cruyff Arena – 55 865 | Jon Haýtinga |
| AZ | Alkmaar | AFAS Stadion – 19 478 | Maarten Martens (Belgiýa) |
| Ekselsior | Rotterdam | Van Donge & De Roo Stadion – 4 500 | Ruben den Uil |
| Feýenoord | Rotterdam | De Kuip – 47 500 | Robin wan Persi |
| Fortuna | Sittard | Fortuna Sittard Stadion – 10 300 | Denni Buiýs |
| Gou Ehed Iglz | Dewenter | De Adelaarshorst – 10 000 | Melwin Bul |
| Groningen | Groningen | Euroborg – 22 550 | Dik Lukkien |
| Herenwen | Herenwen | Abe Lenstra Stadion – 27 224 | Robin Weldman |
| Herakles | Almelo | Asito Stadion – 12 080 | Bas Sibum |
| NAK Breda | Breda | Rat Verlegh Stadion – 19 000 | Karl Hofkens (Belgiýa) |
| NEK | Neýmegen | Goffertstadion – 12 500 | Dik Shreuder |
| PEK Zwolle | Zwolle | MAC³PARK Stadion – 13 250 | Henri wan der Wegt |
| PSW | Eýndhowen | Philips Stadion – 36 500 | Peter Boş |
| Sparta | Rotterdam | Spartastadion Het Kasteel – 11 000 | Moris Stein |
| Telstar | Welsen | BUKO Stadion – 4 200 | Antoni Korreia |
| Twente | Enshede | De Grolsch Veste – 30 205 | Ýosef Oosting |
| Utreht | Utreht | Stadion Galgenwaard – 23 750 | Ron Ýans |
| Wolendam | Wolendam | Kras Stadion – 7 384 | Rik Kruýs |

**Türkiýäniň çempionaty – «Trendyol Süper Lig»**

| KLUBLAR | ŞÄHERI | STADIONY – TOMAŞAÇY | TÄLIMÇISI |
|---|---|---|---|
| Alanýaspor | Antalýa | Alanya Oba Stadyumu – 9 789 | Žoao Pereira (Portugaliýa) |
| Antalýaspor | Antalýa | Corendon Airlines Park – 29 307 | Emre Belözoglu |
| Beşiktaş | Stambul | Tüpraş Stadyumu – 42 445 | Çagdaş Atan |
| Eýüpspor | Stambul | Kasımpaşa Stadyumu – 13 797 | Ole Gunnar Solskaýer (Norwegiýa) |
| Fatih Karagümrük | Stambul | Atatürk Olimpiyat Stadyumu – 77 563 | Marsel Liçka (Çehiýa) |
| Fenerbahçe | Stambul | Chobani Stadyumu – 47 430 | Žoze Mourinio (Portugaliýa) |
| Galatasaraý | Stambul | Rams Park – 53 978 | Okan Buruk |
| Gaziantep | Gaziantep | Gaziantep Bş. Stadyumu – 30 320 | Ismet Taşdemir |
| Gençlerbirligi | Ankara | Eryaman Stadyumu – 20 000 | Hüseýin Eroglu |
| Göztepe | Izmir | Gürsel Aksel Stadyumu – 20 756 | Stanimir Stoilow (Bolgariýa) |
| Istanbul Başakşehir | Stambul | Başakşehir Fatih Terim Stadyumu – 17 067 | Selçuk Şahin |
| Kasympaşa | Stambul | Kasımpaşa – 13 797 | Şota Arweladze (Gruziýa) |
| Kaýserispor | Kaýseri | RHG Enertürk Enerji Stadyumu – 32 856 | Markus Gisdol (Germaniýa) |
| Kojaelispor | Kojaeli | Kocaeli Stadyumu – 34 829 | Selçuk Inan |
| Konýaspor | Konýa | Konya Bş. Belediyesi Stadyumu – 41 600 | Rejep Uýar |
| Rizespor | Rize | Çaykur Didi Stadyumu – 14 850 | Ilhan Palut |
| Samsunspor | Samsun | Samsun 19 Mayıs Stadyumu – 33 303 | Tomas Reis (Germaniýa) |
| Trabzonspor | Trabzon | Papara Park – 40 980 | Fatih Tekke |

Ygtyýarnama: 1-15-24-147

TÜRKMEN DÖWLET BINAGÄRLIK-GURLUŞYK INSTITUTYNYŇ IT YLMY-TEHNIKI MERKEZI DÖWLET KÄRHANASY AŞAKDAKY UGURLAR BOÝUNÇA GYSGA MÖHLETLI OKUWLARA KABUL EDÝÄR

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Baha kesmek işi | 6 aý. |
| 2 | Iňlis dili | 3 aý. |
| 3 | Rus dili | 3 aý. |
| 4 | Nemes dili | 3 aý. |
| 5 | Kompýuter sowatlylygy I, II, III. | 2,5 aý. |
| 6 | Matematika | 3 aý. |
| 7 | Suratkeş | 6 aý. |
| 8 | Elektrik enjamlary abatlaýjy slesar | 3 aý. |
| 9 | Himiki derňewiň laboranty | 3 aý. |
| 10 | Awtoulaglary abatlaýjy slesar | 6 aý. |
| 11 | Elektromontýor-1000 V çenli | 3 aý. |
| 12 | Suw we ýylylyk geçirijileriň örtüjisi | 3 aý. |
| 13 | Suwuk we gaz ýangyjynda işleýän bug we ýyladyş gazanlarynyň maşinisti | 3 aý. |
| 14 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Armaturçy – armatur gözenekleri we karkaslary kebşirleýji | 4 aý. |
| 15 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Betonçy | 2 aý. |
| 16 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Tehniki howpsuzlyk we zähmeti goramak boýunça instruktor | 6 aý. |
| 17 | Tokar | 5 aý. |
| 18 | Elektrik togy we gaz bilen kebşirleýji | 4 aý. |
| 19 | Amaly geodeziýa | 3 aý. |
| 20 | Psihologiýanyň we pedagogikanyň esaslary | 3 aý. |
| 21 | Kiçi we orta telekeçiligiň menejmenti | 1-3 aý. |
| 22 | Senagat howpsuzlygy boýunça işler | 3 hepde. |
| 23 | Ekologiýa howpsuzlygy | 3 hepde. |
| 24 | Baha kesiji işgärleriň hünär derejesini kämilleşdirmek | 3 hepde. |

Ýazmaça we dilden terjime merkezi.
Inžener gözlegleriniň işi we bu ugurlar boýunça tehniki maslahatlar bermek hyzmaty.

*Okuwlara diňleýjiler, orta we hünär bilimli raýatlar kabul edilýär. Okuwa ýokardaky hünärler boýunça şertnamalaýyn esasda tölegli kabul edilýär. Resmi iş kagyzlary Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda kabul edilýär.*

*Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:*

*-bellenilen nusgada direktoryň adyna ýazylan arza;*

*-bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);*

*-3×4 sm ölçegdäki 3 sany fotosurat;*

*-şahsy pasportynyň, pasport almadyklar üçin dogluş hakyndaky şahadatnamanyň göçürmesi;*

Okuwlary üstünlikli tamamlan diňleýjilere şahadatnama berilýär.

Salgymyz: Aşgabat şäheri, Baba Annanow köçesiniň 136-njy jaýy. Habarlaşmak üçin telefon belgimiz: +993 12 28-18-50.

# MLS-niň täze ýyldyzlary

**ABŞ-nyň çempionaty MLS-niň klublary bir günüň dowamynda 2 ýyldyz oýunçynyň transferini resmi ýagdaýda mälim etdi.**

«Bawariýa» toparynyň ýyldyz oýunçysy Tomas Müller MLS-niň «Wankuwer Waýtkäps» topary bilen 1,5 ýyllyk şertnama gol çekişdi. 35 ýaşyndaky germaniýaly futbolçy şu wagta çenli diňe «Bawariýanyň» düzüminde oýnapdy. 2008-nji ýylda professionallyga ädim äden Tomas Müller münhenlileriň düzüminde 18 möwsümde 756 duşuşykda 250 gol geçirdi. Ol «Bawariýada» 13-si «Bundesliganyň» çempionlygy jemi 33 kubogy asmana göterdi.

Onuň Germaniýanyň milli ýygyndysynda-da 131 oýunda 45 goly bar. Tomas Müller Kanadanyň Wankuwer şäheriniň klubunda, ýagny täze toparynda öňki geýen köýnekçesini, ýagny özüniň söýgüli belgisi 13-nji belgide oýnar.







ABŞ-nyň çempionaty MLS-e ýene bir ýyldyz futbolçy transfer boldy. «Tottenham» toparynyň koreýaly ýyldyz oýunçysy Son Hyn Miniň Angliýadaky başdan geçirmesi tamamlandy. 33 ýaşyndaky hüjümçi mundan soň karýerasyny ABŞ-nyň çempionaty MLS-de dowam eder. Ol «Los Anjeles FK» topary bilen şertnama baglaşdy. Amerikan kluby Sona ýyllyk 22 million ýewro berer. Bu görkeziji çempionatyň rekordyna deňdir. Son Hyn Min «Tottenham» toparynda 10 möwsüm çykyş etdi. Ol londonlylaryň düzüminde 454 resmi duşuşykda 173 gol geçirip, 101 goluň pasyny berdi. Koreýaly oýunçy 2015-nji ýylda «Baýerden» «Tottenhama» 30 million ýewro transfer bolupdy. Ol «Tottenhamda» ýeke kubok – UEFA Ýewropa Ligasynyň kubogyny gazandy. Son Hyn Min «Baýerden» öň «Hamburgda» 3 möwsüm oýnapdy.

Koreýa Respublikasynyň milli ýygyndysynda 134 duşuşykda 51 gol salan Son Hyn Min 23 asist etdi. Ol täze toparynda-da edil «Tottenhamdaky» ýaly 7-nji belgili köýnekçäni geýer.

# PSW 15-nji, «Benfika» 10-njy gezek

**Niderlandlaryň Super Kubogy (Johan Cruijff Schaal) duşuşygynda çempion PSW bilen 92 ýyldan soň kubok gazanan «Gou Ehed Iglz» topary duşuşdy. Eýndhowen şäherindäki «Filips» stadionynda oýnalan oýunda «Gou Ehed Iglz» topary Sureniň 35-nji minutdaky goly bilen öňe geçse-de, PSW ýeňiş gazanmagy başardy. Duşuşygyň 78-nji minutynda Nauberiň awtogoly bilen hasaby deňlän eýndhowenlilere 84-nji minutda Dest ýeňiş getiren oýunçy boldy. Şunlukda, 2–1 hasabynda ýeňiş gazanan PSW topary soňky 5 ýylda 4-nji, umumylykda-da 15-nji gezek ýurduň Super Kubogyny eýeledi. Bu ugurda «Aýaks» 9, «Feýenoord» 5 kubok bilen 2–3-nji orunlarda barýar.**




* * *

**Portugaliýanyň Super Kubogy (Supertaça Candido de Oliveira) duşuşygynda «Benfika» ýeňiş gazandy. Ýurduň Faru şäherindäki «Algarwa» stadionynda çempion hem-de kubogyň eýesi «Sporting» bilen wise-çempion «Benfika» toparlary duşuşdylar. Çekeleşikli geçen oýnuň 1-nji ýarymynda hasap açylmady. 2-nji ýarymda «Benfika» topary Wangelis Pawlidisiň 50-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňşini baýram etdi.**




**Şeýlelikde, «Benfika» topary 1 ýyllyk arakesmeden soň 10-njy gezek ýurduň Super Kubogyna mynasyp boldy. Olar bu ugurda 9 kubogyň eýesi «Sportingden» öňe saýlandylar. «Porto» topary Super Kubogy 24 gezek gazanyp, bu görkeziji boýunça sanawyň başyny çekip gelýär.**

**«Sporting» topary bassyr 2-nji gezek Super Kubok duşuşygynda ýeňildi.**